**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – WELOSIPED SÜRMEK SPORTUŇ GYZYKLY GÖRNÜŞI BOLUP, ILATYMYZYŇ BEDEN TAÝDAN SAGDYNLYGYNY BERKITMEKDE ESASY ORNY EÝELEÝÄR.**


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

16-njy awgust, 2024. Belgisi 33/1599




# ÝURDUMYZDA SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGESINE AÝRATYN ÄHMIÝET BERILÝÄR

Häzirki wagtda Türkmenistanda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkarar edilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, adamlaryň saglygyny goramak, ýaş nesliň sazlaşykly ösmegini üpjün etmek, raýatlaryň zähmet rugsady döwründe rahat dynç almaklary üçin şertleri döretmek boýunça maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Bularyň ählisi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan durmuş ugurly syýasatda ileri tutulýan wezipelerdir. Bu syýasatyň özeninde Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgesi durýar.

Ir bilen döwlet Baştutanymyz deňiz kenaryna geldi. Tomsuna günüň bu çagynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýakymly howa gurşawy emele gelýär. Munuň özi deňizden we «Awaza» emeli derýasyndan öwüsýän sergin şemalyň, ýaşyl seýilgähleriň, tokaý zolaklarynyň döredýän salkyn howasynyň esasynda mümkin bolýar. Soňky ýyllarda şeýle zolaklaryň çägi ep-esli giňeldildi. Bu çäreler kenarýaka sebitiň ekologiýa ýagdaýynyň has-da gowulanmagyny hem şertlendirdi.

Günüň dogýan çaglarynda deňziň kenarynda welosipedli gezelenç etmek fiziki işjeňligiň netijesinde saglyga oňyn täsir edýär, bedeni berkidýär we güýç berýär. Welosiped ekologiýa taýdan arassa ulag hökmünde ykrar edilendir. Gahryman Arkadagymyzyň ilaty welosiped sporty bilen meşgullanmaga höweslendirmek, sportuň bu görnüşini wagyz etmek boýunça başlangyçlarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, Türkmenistanda möhüm seneler mynasybetli köpçülikleýin welosipedli ýörişler yzygiderli guralýar.

Türkmenistanyň teklibi boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy 3-nji iýuny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etdi. Bu baýram her ýyl giňden bellenilýär. Munuň özi ýurdumyzyň öňe süren başlangyçlarynyň dünýä bileleşigi üçin möhüm ähmiýete eýedigini aýdyň görkezýär. Şeýle-de, 2022-nji ýylyň martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň teklibi boýunça «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamany kabul edendigini bellemek gerek. Bularyň ählisi dünýä bileleşigi tarapyndan ýurdumyzyň bedenterbiýe-sagaldyş, sport hereketiniň ösdürilmegine, jemgyýetde ekologiýa medeniýetiniň kämilleşdirilmegine, milli, sebitleýin hem-de ählumumy derejede Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge uly goşandynyň ykrar edilýändiginiň anyk mysallarydyr. Mundan başga-da, 2018-nji hem-de 2019-njy ýyllarda Aşgabatda geçirilen «Iň köpçülikleýin tälim beriş sapagynyň», «Iň dowamly, bir nyzamly welosipedli ýörişiň» Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilendigini bellemek gerek.

*Zähmet rugsadynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow 14-nji awgustda Hazar deňziniň kenarynda ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda welosipedli gezelenç etdi.*

Welosport bedenterbiýe-sagaldyş hereketini wagyz etmekde we sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmakda möhüm ähmiýete eýedir. Amatly howa şertleri, ýurdumyzda bar bolan degişli infrastruktura welosport boýunça ýaryşlary hem-de türgenleşikleri tutuş ýylyň dowamynda diýen ýaly geçirmäge mümkinçilik berýär. Welosipedli ýörişler dünýäniň köp ýurdunda dürli durmuş, sport, ekologiýa taslamalaryny goldamak üçin geçirilýän jemgyýetçilik ähmiýetli çäreleriň iň meşhur görnüşleriniň biridir. Hormatly Prezidentimiziň ýakyndan goldaw bermegi esasynda ýurdumyzda sportuň bu görnüşi işjeň ösdürilýär, ilat arasynda köpçülikleýin welosipedli ýörişleriň tarapdarlaryny artdyrmak üçin tagalla edilýär.

...Döwlet Baştutanymyz welosipedli gezelenjiň dowamynda Hazaryň kenarynda ýerleşýän dünýä derejeli syýahatçylyk zolagynyň gözelliklerini synlady. Ýakymly howa gurşawynyň we ýokary derejeli hyzmatlary hödürleýän döwrebap şypahana-dynç alyş ulgamynyň bolmagy «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň meşhurlygyny has-da artdyrdy.

Bedenterbiýe, sport, işjeň dynç alyş, şol sanda welosipedli gezelençler adamlary uly üstünliklere höweslendirip, täze başlangyçlar üçin güýç-kuwwat berýär. Şeýle gezelençler dynç alşy işjeň fiziki hereket bilen utgaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Welosiped sürlende bedene kadaly agram salynmagy esasynda adamyň çydamlylygy, işe ukyplylygy ýokarlanýar, beden bogunlary we nerw ulgamy berkeýär. Welosipedli gezelençler gan basyşynyň kadalaşmagyna, ýürek-damar we beýleki keselleriň töwekgelçiliginiň peselmegine ýardam berýär. Welosiped sürmek bedeniň madda alyş-çalşygyny gowulandyrýar, onuň kesellere garşy durnuklylygyny ýokarlandyrýar, uzak wagtlyk şähdaçyklyk eçilýär. Aýaklaryň yzygiderli hereketleri ganyň damarlarda doňup galmagynyň öňüni alýar. Munuň özi hereketleriň sazlaşygy üçin netijeli türgenleşik bolup, ünsüňi bir ýere jemlemäge mümkinçilik berýär.

Lukman hökmünde sagdyn durmuş ýörelgelerine aýratyn ähmiýet berýän milli Liderimiz şeýle gezelençleriň ägirt uly peýdasynyň bardygyny şahsy göreldesi bilen subut etdi. Şunlukda, ýurdumyzda welosipedli ýörişleriň guralmagy asylly däbe öwrüldi. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan welosipedli ýörişleriň geçirilmegi häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda has giň gerime eýe bolýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, Milli tokaý maksatnamasyny durmuşa geçirmek, ýurdumyzyň özboluşly ösümlik we haýwanat dünýäsini, Hazar deňziniň biodürlüligini gorap saklamak, öwrenmek üçin giň gerimli işler amala aşyrylýar. Bu ugurda öňde durýan meseleleri çözmekde welosiped sporty, welosipediň ulag serişdesi hökmünde ulanylmagy möhüm ähmiýete eýedir. Munuň özi daşky gurşawa uzak möhletleýin esasda oňyn täsirini ýetirip, ekologiýa ýörelgeleriniň jemgyýetçilik durmuşyna içgin aralaşmagyna ýardam edýär.

**BMG-niň BAŞ ASSAMBLEÝASYNYŇ 79-njy SESSIÝASYNA**

## TÜRKMENISTAN–BMG: PARAHATÇYLYGYŇ WE DÖREDIJILIKLI ÖSÜŞIŇ BÄHBIDINE HYZMATDAŞLYK

30 ýyldan gowrak wagt bäri Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly we işjeň agzasy hökmünde onuň Tertipnamasynyň ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegine möhüm goşant goşmagyny dowam etdirip gelýär. Parahatçylykly ýaşamagyň, öňüni alyş diplomatiýasynyň, deňhukukly dialogyň ähmiýetini öňe sürýän Türkmenistan halkara giňişlikde hemişe netijeli hyzmatdaşlygyň tarapdary bolup çykyş edýär. 2025-nji ýylda Bitaraplygyň 30 ýyllygyny dabaraly bellemäge, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň geljek ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamasyny durmuşa geçirmäge taýýarlyk görüp, Türkmenistan hyzmatdaşlar bilen işjeň gatnaşyklaryny dowam etdirer. Döwletiň anyk ädimleri BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda Türkmenistanyň köpçülige ýetirjek ileri tutýan garaýyşlarynda-da öz beýanyny tapýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasyna işjeň taýýarlyk görýär. Durnukly ösüş maksatlarynyň 17-sini resmi taýdan kabul eden we olary durmuş-ykdysady ösüşiň milli meýilnamalaryna, strategiýalaryna uýgunlaşdyran ýurt hökmünde Türkmenistan jemgyýetçilik durmuşynyň ähli möhüm ugurlarynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de güýçlendirmäge çagyrýar.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň iýun aýynda ýurdumyz öňde boljak 79-njy sessiýanyň wise-başlyklygyna saýlanyldy. Şunda Türkmenistan bitaraplyk, goşulyşmazlyk, öňüni alyş diplomatiýasynyň ýörelgelerine eýermegini dowam etdirer. Sebit derejesinde parahatçylygy, ynanyşmagy berkitmek, hususan-da, ony BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň çäklerindäki hyzmatdaşlyk arkaly pugtalandyrmak ýakyn geljek üçin bellenilen ileri tutulýan wezipelerdir.



Türkmenistan Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak boýunça guramaçylyk işlerini dowam etdirer. Bu ugurda ýurdumyz ähli gyzyklanma bildirýän döwletleri, halkara düzümleri, institutlary we BMG-niň edaralaryny hyzmatdaşlyga çagyrýar. Şunda Bitaraplygyň dostlary toparynyň mümkinçilikleriniň parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň hatyrasyna mundan beýläk-de ulanyljakdygyny bellemek wajypdyr. ■ 2

## AWAZA – HALKYMYZYŇ BUÝSANJY

Hazar deňziniň kenary ýurdumyzyň hem-de dünýäniň täze syýahatçylyk mekanyna öwrüldi. Gojaman Hazaryň türkmen kenarynda köp sanly kaşaň myhmanhanalar, çagalara we ululara niýetlenen sagaldyş we dynç alyş merkezleri, kottejlerdir seýilgäh-dynç alyş toplumlary peýda boldy. Netijede, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy dünýä derejesindäki dynç alyş, syýahatçylyk hem-de halkara hyzmatdaşlygyň merkezi hökmünde ykrar edildi.



«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmeginiň taryhy 2007-nji ýylyň maý aýyndan gözbaş alýar. Şol aýda deňiz ýakasyndaky Türkmenbaşy şäherinde Türkmenistanyň, Russiýanyň we Gazagystanyň Prezidentleriniň duşuşygy geçirilip, onda Gahryman Arkadagymyz deňiz ýakasynda dünýä derejeli syýahatçylyk zolagyny döretmek başlangyjyny öňe sürdi. Şondan soňra bu ýerde deňi-taýy bolmadyk taslama durmuşa geçirilip başlandy. ■ 2

## BILIM – ÖSÜŞLERIŇ BINÝADY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda amal edilýän döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň birine öwrülen bilim ulgamyny köptaraplaýyn ösdürmek we halkara derejä çykarmak babatda durmuşa geçirilýän işler oňyn netijelerini berýär. Ýurdumyzda döwrüň hem ylmyň talaplaryna we zerurlyklaryna laýyklykda, täze ugurly ýokary okuw mekdepleriniň açylmagy, häzirki döwürde zerur bolan hünärleriň sanawynyň ýylsaýyn giňeldilmegi, ýokary hem ýörite orta hünär okuw mekdeplerine kabul edilýän ýaşlaryň sanynyň her ýylyň şertlerine we mümkinçiliklerine görä artdyrylmagy bilim ulgamynyň binýadynyň berkidilýändigini görkezýär.



Döwlet Baştutanymyz 12-nji iýulda şu ýylyň alty aýynda gazanylan netijeleriň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda häzirki döwürde ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň, umuman alanyňda, raýatlarymyzyň her biriniň maksadynyň ýurdumyzyň ykdysady, medeni, ylym we bilim binýadyny mundan beýläk-de ösdürmekden hem-de berkitmekden ybarat bolmalydygyny nygtady. ■ 2

### «ALTYN ASYR» toparçalarda çykyş eder



Ýurdumyzyň «Altyn asyr» topary Aziýa Futbol Konfederasiýasynyň AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň saýlama tapgyrynda ýeňiş gazanmagy başardy.

2

### «AKYLLY» okuw gollanmalary



Koreýa Respublikasynyň mekdepleri «geljegiň synp otaglary» taslamasynyň çäginde emeli aňly okuw gollanmalaryny ornaşdyryp başladylar.

4

### WULKANLARYŇ we BUZLUKLARYŇ ýurdy



Demirgazyk Atlantikanyň merkezinde ýerleşýän Islandiýa haýran galdyryjy buzluklary hem-de hereket edýän wulkanlary bilen tebigaty söýüjileriň ünsüni özüne çekýär.

5

### 19-njy GEZEK birinji orny eýeledi



Pariž 2024 tomusky Olimpiýa oýunlarynda medal sanawynda birinjilik ugrunda ýiti göreş soňky sport ýaryşy tamamlanýança dowam etdi.

6

### «REAL MADRIDIŇ» 6-njy Super Kubogy




49-njy UEFA Super Kubogy duşuşygynda Ispaniýanyň «Real Madrid» topary Italiýanyň «Atalanta» toparyny 2–0 hasabynda ýeňdi.

8

## Täze banknotlar gymmat bahadan satyldy

Angliýanyň Merkezi banky ýüzünde Karl III şekili ýerleşdirilen täze banknotlaryň käbir nusgalaryny auksion arkaly satuwa çykardy. Auksionda satylan banknotlardan alnan girdejiniň dürli haýyr-sahawat guramalaryna geçirilendigi mälim edildi. Banknotlaryň gymmat satylmagynyň sebäbi olaryň seriýa belgileriniň meňzeş bolmagy bilen baglydyr. Bankyň berýän maglumatyna görä, 50 funt sterling hümmeti bolan bir banknot 26 müň funt sterlinge satylyp, iň gymmada satylan pul bolupdyr. HB01 00002 seriýa belgili 10 funt sterlinglik banknot bolsa, 17 müň funt sterlinge satyldy. Tomus



paslynyň dowamynda 5, 10, 20 we 50 funt sterlinglik banknotlar üçin dört gezek auksion geçirilipdir. Alnan girdeji saglygy goraýyş, çagalaryň okamagy, daşky gurşaw we jandarlary gorap saklamak bilen meşgullanýan haýyr-sahawat guramalaryna paýlanypdyr. Her bir haýyr-sahawat guramasyna 91 müň 400 funt sterlingden gowrak pul serişdesi geçirilipdir.

Ýüzünde Karl III suraty ýerleşdirilen banknotlar şu ýylyň iýun aýynda dolanyşyga goýberilipdi. Puluň ýüzünde Patyşanyň 2013-nji ýylda düşürilen suraty bar. Häzirki wagtda dolanyşykda bolan banknotlaryň ählisinde diýen ýaly Ýelizaweta II şekili bar. Täze banknotlar diňe zerur bolan halatynda ýetmezçilik edýän puluň öwezini dolmak üçin gerekli möçberde çap edilip, dolanyşyga goýberilýär.

## «Ýaşyl» wodorod bilen işleýän uçar

Şweýsariýaly inžener, uçarman Bertrand Pikkard Fransiýada «ýaşyl» wodorod bilen işleýän uçaryň önümçiligine başlady. Howa gämisiniň ilkinji synag uçuşynyň 2026-njy ýylda amala aşyrylmagyna garaşylýar.

Pikkard mundan ozal diňe ganatlaryna ýerleşdirilen Gün panellerinden alýan energiýasy bilen işleýän uçary işläp taýýarlapdy hem-de onuň bilen Ýer ýüzüniň daşyndan aýlanypdy. Inženeriň täze taslamasynyň çäginde öndüriljek uçaryň bolsa, hiç hili düşlemezden Ýeriň daşyndan aýlanmagy mak-



sat edinilýär. Pikkardyň maksady arassa energiýany durmuşda peýdalanyp boljakdygyny görkezmekden ybarat. «Climate Impulse» atly täze uçar 2028-nji ýylda doly taýýar bolar. Pikkard bu uçary bilen 9 günüň dowamynda Ýer togalagynyň daşyndan aýlanmagy maksat edinýär.

Pikkard mundan ozal 2015-nji ýylyň 9-njy martynda «Solar Impulse 2» atly uçary bilen Abu-Dabiden ýola çykypdy. 16 aýdan gowrak wagtdan soň, 2016-njy ýylyň iýul aýynda Ýeriň daşyndan aýlanyp, ilki Ispaniýanyň Sewilýa şäherine, soňra uçan ýerine barypdy. Şeýlelikde, ol howa gämisiniň bir damja nebit ýangyjyny ulanmazdan uçup biljekdigini görkezdi. Bu taslama arassa energiýa we awiasiýa pudagyndaky uly ösüşleriň biri hasaplanýar.

## Tansyň saglyga peýdasy

Saglyk üçin maşk ýa-da sport bilen meşgullanmagyň peýdalydygy hemmelere mälimdir. Adatça sagdyn durmuş ýörelgesine eýerýänler gündelik durmuşynda ýöremek, ylgamak, ýüzmek we welosiped sürmek bilen meşgullanýarlar. Emma bilermenler tans etmegiň hem peýdalydygyna ünsi çekýärler. Tans adamzat taryhynda ýazuwdan has öň peýda bolupdyr. Tans adamyň fiziki we ruhy saglygyna oňyn täsir edýän has gyzykly fiziki hereketdir.



Bilermenleriň bellemeklerine görä, tans adamyň ruhuny göterip, ýaşaýşa höwesini artdyrýar. Tansyň beýni üçin peýdaly taraplary hem bar. Tans beýniniň ýat we belli netijä gelmek bilen bagly ýerini ösdürýär. Tans hereketleri öwrenilende, adamyň beýnisi işleýär, hereket ukyby kämilleşýär, ünsi talap edýändigi üçin ýatkeşligi gowulanýar. Adamyň haýsydyr bir aýdym diňläninde ýa-da özi hiňleneninde eli bilen bir zada tyrkyldadyp, «saz çalmagy» tebigatynda bar. Tans etmek ýörite ukyp talap etmän, her kim özüne laýyk tans bilen meşgullanyp biler.

**Jemal HAÝYDOWA,**
*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky medeniýet köşgüniň esasy usulyýetçisi.*

## Aşa çalt zarýad berýän beket

Elektroulaglaryň iň köp öndürilýän we satylýan ýurdy bolan Hytaýda bu ugurda täze tehnologiýalar hem işlenip taýýarlanýar. Ýurduň «XPeng» kompaniýasy 5 minutlyk zarýady bilen 300 kilometre ýetjek zarýad berýän bekedi işläp taýýarlady. S5 atly zarýad bekediniň 800 kW kuwwaty bolup,



elektroulaglara bir sekuntda bir kilometrden gowrak ýoly geçmäge ýetjek zarýad berip bilýär. Täze zarýad bekediniň ýylyň üçünji çärýeginde satuwa çykaryljakdygy mälim edildi.

Elektroulaglaryň ýaýbaňlanmagyndaky päsgelçilikleriň biri zarýad beketleriniň ýaýrawynyň azdygy hem-de bu ulaglara zarýad bermegiň köp wagt alýandygydyr. Zarýad beketleriniň ýaýramagy hem-de has çalt zarýad berýän tehnologiýanyň peýda bolmagy bilen daşky gurşaw üçin zyýansyz ulaglaryň satuwynyň has-da artmagyna garaşylýar.

## Iň uly nebit-gaz platformasy guruldy

Hytaýda dünýäniň iň uly nebit-gaz platformasynyň gurluşygy tamamlandy. Agramy 17 müň tonna töweregi bolan desga kenardan uzakdaky ýerlerde ýerasty baýlyklary çykarmakda peý-



dalanylar. Desga ýurduň Şandun welaýatyndaky werfde 34 aýyň dowamynda gurlup gutarylypdyr. Platforma şu aýyň ahyrynda äpet gämi bilen Saud Arabystanyna äkidiler. Desga Saud Arabystanynyň Marjan deňiz ýatagyndaky önümçiligi artdyrmakda peýdalanylar. Bu ýatakdan her ýylda 24 million tonna nebitiň çykarylmagyna garaşylýar.

### BMG-niň BAŞ ASSAMBLEÝASYNYŇ 79-njy SESSIÝASYNA

# TÜRKMENISTAN–BMG: PARAHATÇYLYGYŇ WE DÖREDIJILIKLI ÖSÜŞIŇ BÄHBIDINE HYZMATDAŞLYK

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halkara resminamalaryň, şol sanda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolmagynyň 30 ýyllygyna, Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolagy döretmek baradaky Şertnamanyň 15 ýyllygyna bagyşlanan resminamalaryň işlenip düzülmegi dowam etdiriler. Mundan başga-da, Türkmenistan Goşulyşmazlyk Hereketiniň halkara giňişlikdäki ähmiýetiniň güýçlendirilmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär. Türkmen tarapynyň pikiriçe, Goşulyşmazlyk Hereketiniň işini güýçlendirmek ugrundaky ýörelgeleriň biri bitaraplyk bolmalydyr. Ýurdumyz bu gurama agza ýurtlary Türkmenistanyň Ählumumy howpsuzlyk strategiýasy baradaky başlangyjyna ählumumy parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmegiň, gapma-garşylyklary öňünden duýdurmagyň we bitaraplaşdyrmagyň şertleriniň biri hökmünde bitaraplyk ýörelgesini goldamak baradaky düzgüni goşmak boýunça utgaşdyrylan çemeleşmeleri işläp taýýarlamaga girişmäge çagyrýar.

Bitaraplygy we parahatçylyk başlangyçlaryny üpjün etmekde baý tejribä eýe bolan Türkmenistan BMG-niň ählumumy araçylarynyň ýöriteleşdirilen taýýarlyk we iş maksatnamasyny döretmegi teklip edýär. Bu häzirki döwrüň halkara ýagdaýlarynda hünär taýýarlykly araçylaryň işlerine ýüze çykýan zerurlyk bilen şertlendirilendir.

Terrorçylyga garşy göreş hem ileri tutulýan ugur bolmagynda galýar. Ýurdumyz bu ugurda BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen ýakyn hyzmatdaşlygy dowam etdirer.

Türkmenistan durmuş-ykdysady ugurda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegi maksat edinýär. 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibiniň üstünde işlemegi dowam etdirýän Türkmenistan garyplygy ýok etmegi, ösüp barýan ýurtlary goldamak üçin halkara maliýe arhitekturasyny kämilleşdirmegi, ählumumy energiýa, ulag baglanyşygyny berkitmegi, bütindünýä aragatnaşyk-tehniki serişdeleriniň, emeli aň ulgamlarynyň deňagramly ösüşine gönükdirilen anyk ädimleri amal etmegi maksat edinýär. Bu ugurda Türkmenistan Ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýete geçmek boýunça ählumumy Çarçuwaly maksatnamany işläp düzmäge, şeýle hem BMG-niň Ykdysady we durmuş meseleleri boýunça departamentiniň, sebitleýin ykdysady komissiýalarynyň bäşisi bilen hyzmatdaşlykda BMG-niň 2026–2035-nji ýyllar döwründe «Durnukly ulagyň onýyllygyny» durmuşa geçirmek üçin Hereketleriň meýilnamasynyň taslamasynyň işlenip düzülmegini



hödürlemäge taýýarlyk görýär. Mundan başga-da, ýurdumyz Bütindünýä durnukly ulag gününe bagyşlanan halkara çäräni we BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek» atly Kararnamasyna laýyklykda, Durnukly ulagyň dostlary toparynyň ministrler derejesindäki nobatdaky duşuşygyny geçirmegi teklip edýär. Ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda Durnukly ulag arabaglanyşygynyň ählumumy atlasyny hem-de Ählumumy energetika howpsuzlygy we durnukly ösüş boýunça hyzmatdaşlygyň bileleşigini döretmek başlangyçlary hem bar.

Howa meselesi hem Türkmenistan üçin üns merkezinde bolmagynda galýar. Merkezi Aziýada daşky gurşaw meselelerine strategik taýdan çemeleşmekde möhüm ädim hökmünde ýurdumyz ýöriteleşdirilen düzümi – BMG-niň Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek babatdaky işini dowam etdirer. Merkeziň işi howanyň üýtgemegine uýgunlaşmaga, gowşak ekoulgamlary dikeltmäge, parnik gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmaga we beýlekilere gönükdiriler.

BMG-niň Aziýa–Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we durmuş komitetiniň 2023-nji ýylyň 19-njy maýyndaky «Birleşen Milletler Guramasynyň Aral deňziniň sebiti üçin Ýörite maksatnamasynyň döredilmeginiň şertlerine garamak» atly Kararnamasyny durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistan BMG-niň Aral deňziniň sebiti üçin Ýörite maksatnamasyny (UNSPAS) döretmek ugrunda taslama resminamalaryny taýýarlamak boýunça guramanyň degişli edaralary bilen geňeşmeleri dowam etdirer. Hazar deňziniň gaýtalanmajak tebigy baýlyklaryny gorap saklamak hem ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda durýar. Şunuň bilen baglylykda, bu meselede halkara tagallalara anyk mazmun bermek üçin Türkmenistan 2025-nji ýylda ikinji Hazar daşky gurşaw forumyny guramagy teklip edýär.

Baş Assambleýanyň öňde boljak sessiýasynda ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda ynsanperwer ulgam hem bar. Türkmenistan BMG-niň edaralary bolan BMG-niň Parahatçylygy gurmak boýunça komissiýasynyň, «BMG – Zenanlar» düzüminiň we beýleki halkara, sebit guramalarynyň gatnaşmagynda «Zenanlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» atly ählumumy gün tertibini durmuşa geçirmek boýunça zenanlar dialogynyň yzygiderli esasdaky geňeşmeleriniň mehanizmini döretmek meselesine seretmegi möhüm hasaplaýar. Şeýle mehanizmiň işi Türkmenistanyň başlangyjy esasynda döredilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogynyň maksatlaryna laýyk gelýär. Şeýle-de, ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda «Ýaşlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» halkara gün tertibini durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň başlangyjy boýunça döredilen Merkezi Aziýanyň ýaşlar dialogynyň işini goldamagy dowam etdirmegi maksat edinýär.

Türkmenistan raýatsyzlygy azaltmak we onuň öňüni almak boýunça halkara tagallalaryň birleşdirilmegini goldap, bu mesele boýunça sebit maslahatyny geçirmegi göz öňünde tutýar.

«Sport parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna» atly ählumumy gün tertibini öňe sürmekde esasy gatnaşyjylaryň biri hökmünde ýurdumyz sport diplomatiýasyna aýratyn ähmiýet berýär. Şunda 2024-nji ýylyň aprelinde Nýu-Ýork şäherinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň Durnukly ösüş hepdeliginiň çäginde geçirilen BMG-niň ilkinji Diplomatik dostluk oýunlarynyň tejribesine esaslanyp, Türkmenistan BMG-niň howandarlygynda şeýle oýunlary her ýylda geçirmegiň tejribesini berkitmäge gönükdirilen Kararnamanyň taslamasyny Baş Assambleýanyň garamagyna hödürlemäge taýýarlyk görýär. Resminamanyň esasy maksady halkara ynsanperwer hyzmatdaşlygy, döwletara dialogy we ynanyşmagy pugtalandyrmak üçin gural hökmünde sportuň mümkinçiliklerini amala aşyrmakdan ybaratdyr.

Medeniýetara dialogy güýçlendirmek, BMG-niň Baş Assambleýasynyň halkara gatnaşyklarda köpdilliligi goldamak hakynda Kararnamalaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Bütindünýä türki dilleriň güni» atly Kararnamasynyň taslamasyny ilerletmegi dowam etdirmegi teklip edýär.

Hemmetaraplaýyn kanunylyga we ygtyýarlyga eýe bolan ýeke-täk halkara gurama hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň ornuny tutup bolmajak düzümdigine berk ygrarlydygyny tassyklamak bilen, Türkmenistan ählumumy parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy üpjün etmek we berkitmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin, milli derejede, şeýle-de halkara giňişlikde netijeli işleri alyp barmagy maksat edinýär.

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi.*

## AWAZA – HALKYMYZYŇ BUÝSANJY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda bolsa «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy syýahatçylygyň täze mekanyna öwrülip, halkara derejeli medeni forumlaryň, aýdym-saz bäsleşikleriniň, dürli işewürlik we ylmy maslahatlaryň geçirilýän ýeri hökmünde meşhurlyk gazanýar.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Hazaryň ekologiýasyny gorap saklamak, tebigy baýlyklaryny aýawly peýdalanmak ýurdumyzda alnyp barylýan ekologiýa syýasatynyň esasy maksatlarynyň biridir. Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýetiniň welaýat bölümi tarapyndan hem Hazar deňziniň baýlyklaryny, ösümliklerini we haýwanat dünýäsini ýerlikli peýdalanmak, köpeltmek, geljekki nesillerimize ýetirmek,



ýaş nesillerde tebigata bolan söýgini terbiýelemek, olarda tebigat bilen sazlaşykly ýaşamaga höwes döretmek, işjeňliklerini artdyrmak babatda edara-kärhanalarda, okuw mekdeplerinde wagyz-nesihat çäreleri yzygiderli alnyp barylýar. Ählihalk çäresine öwrülen agaç nahallaryny oturtmak işleri netijesinde diňe bir Hazaryň kenarýakasy däl, eýsem, tutuş ýurdumyz bagy-bossanlyga öwrülýär. Soňky 25 ýylyň içinde emeli tokaý zolaklarynyň meýdany 200 müň gektardan, ekilen nahallaryň sany bolsa 150 milliondan geçdi.

Biziň ýurdumyz Hazarýaka döwletleriň arasynda energetika, ulag-logistika, senagat, söwda ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürýär. Hazar deňziniň kenaryndaky Türkmenbaşynyň Halkara deňiz porty köp sanly iri halkara ulag geçelgeleriniň merkezine öwrüldi. Häzirki wagtda Hazar, Gara we Baltika deňizleriniň arasynda täze ulag ugurlaryny döretmek, bu sebiti Ýakyn Gündogar we Ortaýer deňzi, Günorta hem-de Günorta-Gündogar Aziýa bilen baglanyşdyrýan ulag ulgamyny emele getirmek boýunça uly işler amala aşyrylýar. Bu babatda Türkmenbaşynyň Halkara deňiz portunyň möhüm «deňiz derwezesi» bolup hyzmat edýändigini aýratyn bellemek gerek.

Häzirki wagtda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy dünýä syýahatçylygynyň merjenine öwrülip, türkmen halkynyň ykbalynda täzeçilligiň, döwrebaplygyň, täze durmuşyň özboluşly nyşanydyr.

**Ýusup GURBANMÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň kompýuter ulgamlary we torlar kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.*

## BILIM – ÖSÜŞLERIŇ BINÝADY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiziň ýaş nesliň mynasyp derejede bilim almagy, olaryň hünär başarnyklaryny artdyrmak, ýokary derejeli bilimli, beden hem ruhy taýdan sagdyn, watançylyk ruhuna eýlenen giň dünýägaraýyşly nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek maksady bilen, bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn we okuw-usulyýet binýadynyň has-da berkidilmelidigine ünsi çekmegi ýurdumyzda ylym-bilime bildirilýän talaplaryň şu günki beýanydyr.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan bilim syýasatynyň innowasion



häsiýetli bolmagy ýurdumyzyň ykdysady taýdan has kuwwatlanmagy ugrundaky tagalladyr. Paýtagtymyzda, welaýat, etrap merkezlerinde her ýylda täze orta mekdepler, çagalar baglary gurlup, ulanylmaga berilýär. Täze gurulýan bilim edaralary döwrebap kompýuterler, interaktiw okuw enjamlary we internet ulgamy bilen üpjün edilýär. Ýurdumyzda aýry-aýry ugurlar boýunça ýöriteleşdirilen mekdepleriň sanynyň köpeldilmegi, täze hünärment mekdepleriň açylmagy, ýokary okuw mekdeplerinde täze hünär ugurlarynyň ençemesiniň girizilmegi döwlet Baştutanymyzyň ýaşlaryň ylymly-bilimli bolup ýetişmegi üçin uly alada edýändigini görkezýär.

Häzirki günlerde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde giriş synaglary dowam edýär. Bu synaglar her bir ýaş türkmenistanlynyň Watanymyzyň ertirki ösüşlerine, ylmy kuwwatlylygyna, innowasion aýratynlyklaryna goşup biljek goşandynyň mümkinçiliklerini kesgitleýän synaglardyr. Täze okuw ýylynda ýokary okuw mekdeplerimizde täze hünärleriň ençemesi peýda bolar. Bu bolsa türkmen ýaşlarynyň bilim, ylym we hünär almagyna, jemgyýetimiziň sazlaşykly ösdürilmegine, türkmen ylmynyň halkara bäsleşiklerine ukyplylygynyň ýokarlanmagyna täze mümkinçilikleri döreder.

**Jahangir ROZMETOW,**
*Şabat etrabyndaky 41-nji orta mekdebiň mugallymy, Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramasynyň başlygy.*

## TIF 2024 MAÝA GOÝUM FORUMY WE SERGISI GEÇIRILER

Garaşsyzlyk halkymyzyň milli buýsanjydyr. Halkymyzyň garaşsyz döwlet gurmak barada köp asyrlaryň dowamynda eden arzuwynyň hasyl bolanyna şu ýyl 33 ýyl dolýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 33 ýyllyk baýramçylygy mynasybetli 19-20-nji sentýabrda Aşgabatda TIF 2024 maýa goýum forumy we sergisi geçiriler. Bu forum Türkmenistanyň dürli maýa goýum mümkinçiliklerini hödürlemek, daşary ýurt maýa goýumlaryny çalt çekmek baradaky tekliplere garamak we sebitleýin taslamalary durmuşa geçirmek ýaly bilelikdäki maýa goýum taslamalarynyň geljegini öwrenmek maksady bilen guralýar.

TIF 2024 maksatnamasy hemmetaraplaýyn işlenip düzülen we Türkmenistanyň maýa goýum potensiýaly, sebitleýin energiýa geçişinde ýurduň ýangyç we energetika pudagyndaky orny, ulag aragatnaşygy we durnuklylygy, ykdysadyýetiň diwersifika-





siýasy, sanly ulgamyň özgerişleri, «ýaşyl» ykdysadyýetiň we oba hojalygynyň ösdürilmegi, şeýle hem döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ýaly mowzuklary öz içine alýar.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň, Daşary işler ministrliginiň we Söwda-senagat edarasynyň bilelikde guraýan bu forumy halkara maýa goýum jemgyýetiniň ünsüni ýurduň depginli ösýän ykdysadyýetine çekmek üçin geçiriler.

Häzirki wagtda Maýa goýum forumyna gatnaşmak üçin 20 ýurtdan 100-den gowrak wekiliýet hasaba alyndy. Foruma halkara maliýe guramalarynyň (Bütindünýä banky, Aziýanyň Ösüş banky) wekilleriniň, energiýa, infrastruktura we maliýe ulgamy boýunça hünärmenleriň, şeýle hem başga-da birnäçe abraýly halkara guramalaryň hünärmenleriniň gatnaşmagyna garaşylýar.

Türkmenistanyň maýa goýum mümkinçiliklerine bolan gyzyklanma forumyň halkara metbugatynda giňişleýin beýan edilmegi bilen hem tassyklanylýar. Birleşen Arap Emirlikleriniň «Al Khaleej», «Dubai News», «Al-Madar Magazine» ýaly öňdebaryjy neşirleri bu forum barada birnäçe makalalary çap etdi. Mundan başga-da, abraýly maliýe neşiri bolan «The Investor» forumy ýylyň esasy wakalar senenamasyna goşdy. Bu bolsa dünýäniň maýa goýum jemgyýetiniň foruma ýokary derejede gyzyklanýandygyny görkezýär.

Halkara sergide lukmançylygyň anyklaýyş-bejeriş enjamlary we tehnikasy, lukmançylyk gurallary, saglygy goraýyş ulgamynda dürli görnüşdäki hyzmatlary hödürleýän kompaniýalaryň, şeýle hem innowasion çözgütleri işläp taýýarlamak bilen meşgullanýan kliniki merkezleriň alyp barýan işlerini görkezmegine giň mümkinçilik döredilер. Şeýle hem dünýäniň öňdebaryjy iri kompaniýalary bilim we sport boýunça alyp barýan işlerini, tehnologiýanyň soňky gazananlaryny paýtagtymyzyň ýaşaýjylaryna we myhmanlaryna giňden hödürlär. Serginiň çäklerinde birža söwdalarynyň hem geçirilmegi meýilleşdirilýär. Forumyň çäginde Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynyň ministrlikleriniň we milli kompaniýalaryň ýolbaşçylary bilen duşuşyklar guralar. Sergi özara peýdaly hyzmatdaşlygyň ösmegine goşant goşar.

## TENNIS OÝNAÝAN ROBOT

«Google» kompaniýasy stol tennisini oýnap bilýän robot bilen tanyşdyrdy. Inženerler robotyň entek «öwrenjedigini» belleýärler. Enjamy işläp taýýarlan «Google DeepMind» kompaniýasynyň inženerleri bäsdeşlik oýunlaryna adatça çekeleşikli ýagdaýyň mahsusdygyny belläp, çylşyrymly hereketi, çalt göz-el utgaşyklygyny we bäsdeşiň ejiz tarapyny synlamagy öz içine alýandygyny, bu ýagdaýyň stol tennisini, robotlaryň häzirki derejede ýokary derejä ýeten küşt ýaly strategiýa oýnundan tapawutlandyrýandygyny belleýärler. Tennis oýnaýan ilkinji robot dürli ussatlyk derejesinde tennis oýnap bilýän 29 adam bilen ýaryşypdyr. Geçirilen duşuşyklar «YouTube» arkaly tomaşaçylara ýetirildi. Robot tennis oýnap bilýän hem bolsa, tennis topunyň ilkinji urgusyny ýerine ýetirip bilmeýär. Ýagny diňe özüne atylan topa jogap urgusyny gaýtaryp bilýär. Robot tennis oýnamaga täze başlan adamlaryň ählisini utan hem bolsa, ökde oýunçylardan asgyn geldi. Orta derejeli ussatlygy bolan tennisçileriň bolsa, 55 göterimini utmagy başardy.

Robotyň ähli bäsdeşleri robot bilen tennis oýnamagyň örän gyzyklydygyny belleýärler. Ussat tennisçiler bu robotyň türgenleşikler üçin peýdaly bolup biljekdigini, robotyň tennis oýnadygyça ökdeleşendigini bellediler.

Taslama goldaw beren professional tennis türgeni Barni J. Rid robotyň dürli ussatlyk derejesi bolan adam-



lar bilen tennis oýnaýandygyny görmegiň örän ajaýypdygyny aýdyp, ilkibaşda robotyň orta derejede tennisçi bolmagyna garaşandyklaryny aýdýar. Onuň sözlerine görä, robot inženerleriň bu tamasyny aňryýany bilen ödäp, garaşylyşyndan ýokary netije görkezipdir.

## «Altyn asyr» AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň toparçalaýyn tapgyrynda çykyş eder

Aziýa Futbol konfederasiýanyň täzeçe atlandyrylan AFK Çempionlar Ligasy 2 (ozalky AFK Kubogy) ýaryşynyň saýlama tapgyryna gatnaşan ýurdumyzyň «Altyn asyr» topary ýeňiş gazanmagy başardy. Türkmenistanyň futbol çempionatynyň wise-çempiony «Altyn asyr» myhmançylykda Hindistanyň «Ist Bengal» toparyndan 3-2 hasabynda üstün çykdy. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleri Lalhlansanganyň goly bilen ilkinji bolup hasaby



açsa-da, ildeşlerimiz gysga wagtda jogap goluny urdy. 18-nji minutda Myrat Annaýew hasaby deňlän oýunçy boldy. Duşuşygyň 28-nji minutynda Selim Nurmyradow aragatnaşykçylary öňe saýlady. 52-nji minutda Mihail Titow aratapawudy 2 gola çykardy. 59-njy minutda ýer eýelerinden Saul Kresponyň goly hindistanlylara ýeňiş üçin ýeterlik bolmady. Şunlukda, Hindistandan 3-2 hasabynda ýeňiş bilen dolanan «Altyn asyr» topary AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda toparçalarda çykyş etmäge hukuk gazandy.

Saýlama tapgyrynyň ýene bir duşuşygynda Kuweýtiň «Al-Kuwait» topary Bahreýniň «Al-Ahli» toparyny 1-0 hasabynda ýeňip, toparçalarda çykyş etmäge ygtyýar aldy.

AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň toparçalaýyn tapgyryna 32 klub gatnaşyp, olaryň 27-si gönümel toparçalarda çykyş etmäge hukuk gazanýar. Galan 5 toparyň 2-si saýlama tapgyryndan gelse, galan 3-si AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynyň saýlama tapgyryny geçip bilmedik toparlar bolar.

AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň toparçalaýyn tapgyrynyň bije çekiliş dabarasy şu gün çekiler. Toparçalardaky duşuşyklar 17-nji sentýabrda başlap, 5-nji dekabrda tamamlanar.

## Olimpiýa oýunlary syýahatçylaryň sanyny artdyrdy

Pariž 2024 tomusky Olimpiýa oýunlary üstünlikli tamamlandy. Pariž köp ýyldan bäri dünýäniň iň köp syýahatçy kabul edýän şäheri bolmagynda galýar. Olimpiýa oýunlary döwründe bolsa, şäheriň syýahatçylarynyň sany has-da artdy. Oýunlaryň başlan ilkinji hepdesinde şähere baran myhmanlaryň sany 42 göterim ýokarlanypdyr. Myhmanlaryň köp bölegini amerikanlar emele getiripdir. Bu ýurtdan Parižе gelen syýahatçylaryň sany 72 göterim ýokarlanypdyr. Bu barada 11-nji awgustda Olimpiýa



oýunlarynyň ýapylyş dabarasyndan soňra ulanyjylarynyň amala aşyran söwdalaryna salgylanyp, «Visa» töleg ulgamy habar berýär. Olimpiýa oýunlarynyň geçirilen beýleki şäherlerinde myhmanlaryň sany köpelipdir. Syýahatçylaryň sany Lillde 188, Sent-Etýende 150 we Marselde 48 göterim artypdyr. Ýurda gelen «Visa» kart ulanyjylarynyň sany hasaba alnanda, Latyn Amerikasyndan we Karib sebitinden gelenler 62 göterim, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitinden gelenler 57 göterim ýokarlanypdyr. Angliýalylar 53 göterim, germaniýalylar 53 göterim artypdyr. Myhmanlaryň aglabasy restoranlarda has köp pul sowupdyrlar. «Visa»-nyň Ýewropa boýunça ýolbaşçysy Şarlotte Hogg soňky üç ýylda Pariž 2024-iň Guramaçylyk komiteti bilen hyzmatdaşlykda oýunlaryň geçirilýän şäherlerinde aýratyn töleg torunyň döredilip, olimpiýa oýunlarynyň geçirilýän 32 we 16 paralimpiýa oýunlarynyň geçirilýän 16 desgasynda jemi 3 müň 500 söwda nokadynda galtaşyksyz tölegiň ýola goýlandygyny aýtdy.

**Orazmyrat NURMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, leýtenant.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 16-sy, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114584
Belgisi: 33/1599
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# ULAG ULGAMY WE SANLYLAŞDYRMAK

**Häzirki wagtda sanlylaşdyrmagyň durnukly ösüşiň ileri tutulýan wezipelerini çözmegiň binýady bolup hyzmat edýändigi aýdyň hakykatdyr. Sanly tehnologiýalaryň bazary dünýäde okgunly ösýän hem-de iş bilen meşgullanmagyň, aýratyn-da, ýaşlary iş bilen üpjün etmegiň giňden ýaýran ulgamlarynyň biridir. Şoňa görä-de, Gahryman Arkadagymyzyň nusgalyk ýoluny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyndan» gelip çykýan wezipeleri çözmek boýunça ýurdumyzda uly işler durmuşa geçirilýär.**

Öňdebaryjy tehnologiýalar biziň gündelik durmuşymyza berk ornaşmak bilen, zähmeti guramagyň usullaryny, bilim we dynç almagyň görnüşlerini özgerdýär. Türkmenistan dünýäniň ösen tejribesini öwrenip we ornaşdyryp, sanly ulgama geçmegiň öz nusgasyny, ýagny diňe bir taýýar çözgütleriň hem-de nou-haularyň importyna däl, eýsem, öz ylmy-tehnologik, aň-paýhas kuwwatyna esaslanýan nusgasyny işläp taýýarlamagy esasy maksat hökmünde kesgitledi. Şunuň bilen baglylykda, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary häzirki wagtda okgunly ösüşe eýe bolup, muňa şu ýylyň 12-nji iýulynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde aýdyň göz ýetirmek mümkin boldy.

Türkmenistanda dürli ulgamlarda sanly ykdysadyýetiň düzümleri üstünlikli hereket edýär. Şeýle hem sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmakda dünýä tejribesiniň iň oňyn taraplary öwrenilýär.

Sanly ykdysadyýet – bu önümçiligiň möhüm guraly bolan sanly görnüşdäki maglumatlar bolup, olaryň köp möçberlerde işlenilmegi we seljermeleriň netijeleriniň peýdalanylmagy hojalygy ýöretmegiň däp bolan görnüşleri bilen deňeşdirilende, önümçiligiň, tehnologiýalaryň işjeňligini artdyrmaga, harytlary ýerleşdirmegiň we hyzmatlary ýerine ýetirmegiň netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Ykdysadyýetiň sanly ulgama geçmegi döwlet dolandyryşynyň, maliýe ulgamynyň, lomaý we bölek söwdanyň, jemagat, şahsy we durmuş hyzmatlarynyň ösmegi bilen baglydyr. Munuň özi dürli pudaklaryň bäsdeşlige



ukyplylygyny ýokarlandyrmaga itergi berýär, işewürlik we telekeçiler üçin täze mümkinçilikleri döredýär, dünýä bazarlaryna çykmagyň täze ýollaryny açýar.

Dünýäniň birnäçe döwletlerinde ykdysadyýetiň sanly bölegini ösdürmäge gönükdirilen toplumlaýyn maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi milli ykdysady ösüşi üpjün etmekde sanly ulgamyň nähili derejede möhüm bolup durýandygyny aýdyňlygy bilen ýüze çykarýar. Täze şertlerde sanly tehnologiýalary işläp taýýarlamak, olary ykdysadyýetiň we durmuş ulgamynyň dürli ugurlaryna giňden ornaşdyrmak ýurduň dünýä ykdysadyýetinde tutýan ornunyň pugtalanmagyna, bäsdeşlige ukyplylygyna we ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam berer. Dünýäde sanly ykdysadyýet boýunça ABŞ, Hytaý, Germaniýa, Ýaponiýa, Beýik Britaniýa ýaly döwletler öňdeligi eýeleýär. Sanly ykdysadyýetiň möhüm tehnologiýalarynyň birnäçesi (öňdebaryjy maglumatlar, energiýa çeşmeleriniň saklanýan ýerleri, robot tehnikasy we awtonom (özbaşdak) ulgamlar, regeneratiw lukmançylyk, sintetik biologiýa we beýlekiler) degişli guramalar tarapyndan kesgitlenilýär.

«Senagat 4.0» düşünjesi häzirki zaman «akylly» tehnologiýalary we interneti peýdalanyp, ýönekeý üznüksiz önümçiligi hem-de onda toplanan tejribeleri dowam etdirip, üznüksiz önümçilige giň gerim bilen geçmek we bu ugurda düýpli özgertmeleri alyp barmakdyr. Bu düşünje integrasiýany we awtomatizasiýany ýokarlandyrýar, aragatnaşyk ulgamyny hem-de öz-özüňe gözegçilik etmegi kämilleşdirýär.

Mälim bolşy ýaly, ulag-kommunikasiýalar toplumy islendik döwletiň ykdysadyýetiniň möhüm düzüm bölegidir. Onuň ösüş depgini köp babatda tutuş ýurduň ösüşini kesgitleýär. Ähli ugurlar boýunça öz wagtynda, ýokary hilli hyzmat etmek wezipesi öňünde goýlan ýük we ýolagçy daşamak hyzmaty, öz gezeginde, ulag ulgamynyň aýrylmaz düzüm bölegini emele getirýär. Şunuň bilen baglylykda, ulag-kommunikasiýalar toplumyny sanlylaşdyrmak ugrunda giň tagallalar edilýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçýän şu ýyl ulag ulgamyndaky möhüm taslamanyň amala aşyrylmagyna beslendi. 17-nji aprelde döwlet Baştutanymyzyň gatnaşmagynda Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Tejen-Mary bölegi dabaraly ýagdaýda ulanmaga berildi. Şeýle-de, howa ulagy babatda halkara ähmiýetli taslamalaryň durmuşa geçirilmegine badalga berildi. Çünki raýat awiasiýasy ulgamynda daşary ykdysady gatnaşyklar dürli ýurtlar bilen halkara ylalaşyklaryň we konwensiýalaryň 50-den gowragy esasynda amala aşyrylýar.

Demir ýol ulgamynyň geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak hem hormatly Prezidentimiziň ulag-kommunikasiýa toplumynyň ýolbaşçylarynyň öňünde goýýan

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

wezipeleriniň hataryndadyr. Şeýle-de, Garaşsyzlyk ýyllarynda deňiz we derýa ulaglary infrastrukturasyny toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmak boýunça iri taslamalar durmuşa geçirilip, ýük daşamagyň, ýolagçy gatnatmagyň möçberi artdy. Portlaryň, port hojalygynyň ösdürilmegi dowam etdirilip, Hazar deňzinde howpsuzlyga we nawigasiýa döwlet gözegçiligi kämilleşdirildi.

Ýeri gelende bellesek, 12-nji iýulda şu ýylyň birinji ýarymynyň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň aragatnaşyk ulgamyny hem döwrüň talabyna görä döwrebaplaşdyryp durmagyň ilkinji nobatdaky wezipeleriň hataryndadygyny belledi. Şu jähetden, Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda, «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça ygtyýarly edara diýlip kesgitlenilendigini bellemelidiris. Agentlige ýüklenen wezipeleriň çäklerinde ýerli hem öýjükli telefon aragatnaşygy, internet, poçta hyzmatlary, sanly ykdysadyýet, kiberhowpsuzlyk, emeli hemra aragatnaşygy, milli teleradioýaýlymlar, hünärmenleri taýýarlamak ugurlary boýunça işler durmuşa geçirilýär.

Umuman aýdylanda, ulag-aragatnaşyk ulgamyny kämilleşdirmek babatda ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan giň gerimli işler halkymyzyň abadançylygyny ýokarlandyrmak baradaky aladanyň hormatly Prezidentimiziň durmuş ugurly syýasatynyň ileri tutulýan ugrudygyny aýdyň tassyklaýar.

**Ýazmyrat ATDAÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi, ýaş alym.*

# SAGDYN JEMGYÝET – KUWWATLY DÖWLET

Saglygyny berkitmek her ynsanyň öz elinde. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň «Saglygyň gadryny bilgil, hasta bolmazdan burun» diýip belleýşi ýaly, ynsan saglygyny goramak, onuň gadyryny bilmek halkymyzyň gadymdan gelýän ýörelgesidir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe raýatlarymyzyň saglygyny goramak üçin ýurdumyzda köpçülikleýin wagyz-nesihat duşuşyklary, öňüni alyş çäreleri guralýar, azyk howpsuzlygyny ýola goýmak ugrunda möhüm işler durmuşa geçirilýär. Bu ugurda ata Watanymyzyň halkara guramalarynyň birnäçe güwänamalaryna mynasyp bolmagy munuň aýdyň subutnamasydyr. Türkmenistan BMG we onuň iri düzümleri bilen saglygy goraýyş ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmäge we berkitmäge aýratyn ähmiýet bermek, lukmançylyk hem-de ylmy diplomatiýa babatda hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny öňe sürmek bilen, özara işjeň, netijeli, maksatnamalaýyn hyzmatdaşlygy alyp barýar. Häzirki wagtda hem BMG, onuň ýöriteleşdirilen düzümleri, aýratyn-da, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, dünýäniň öňdebaryjy saglygy goraýyş edaralary we ylmy-barlag merkezleri bilen gatnaşyklarymyz has-da işjeňleşdirilýär. Telelukmançylyk we telemaslahatlar arkaly halkara derejesinde özara tejribe alyşmak, amaly lukmançylyga öňdebaryjy usullary ornaşdyrmak ýaly işler üstünlikli amala aşyrylýar.



Eziz Diýarymyzda ilatyň saglygyny goramaga, adamlaryň ömrüniň dowamlylygyny uzaltmaga hem-de jemgyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegini üpjün etmäge gönükdirilen döwlet syýasaty işjeň durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamynyň binýadyny berkitmek hem-de raýatlaryň bu ulgamyň çygryndaky hukuklaryny kepillendirmek boýunça esasy döwlet resminamasy bolan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň we giň gerimli durmuş-ykdysady maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegi esasynda ulgamyň mümkinçilikleri has-da artýar. Döwrebap özgertmeler, gazanylýan ösüşler oňyn netijelerini berýär. Täze lukmançylyk edaralary, derman serişdelerini öndürýän kärhanalar gurlup, saglygy goraýşyň milli nusgasy döredilýär. Alnyp barylýan işleriň hatarynda döwrebap hassahanalaryň, anyklaýyş merkezleriniň, saglygy goraýyş edaralarynyň halka hyzmat etmegi babatdaky döredilýän mümkinçilikler aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Döwrebap lukmançylyk enjamlary, barlaghanalar we beýleki zerur bolan tehnikalar bilen üpjün edilen saglygy goraýyş edaralary keselleri wagtynda anyklamakda, bejeriş-öňüni alyş işlerini amala aşyrmakda, amaly, ylmy-barlag hem-de tejribe-önümçilik wezipelerini çözmekde öňdebaryjy usullary peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Paýtagtymyzda 160 orunlyk Halkara pediatriýa merkeziniň, Stomatologiýa merkeziniň, 500 orunlyk Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň gurluşyklary alnyp barylýar. Munuň özi ýurdumyzda raýatlaryň saglygynyň goralmagyna berilýän ägirt uly ünsüň nobatdaky subutnamasydyr. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda 2021-nji ýylyň mart aýynda Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredildi hem-de Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary bilen gazna Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ady dakyldy. Gazna çagalaryň kanuny we durmuşy bähbitleriniň amal edilmegine gönükdirilen ýörelgeleriň netijeli dowam etdirilmegine mümkinçilik berýär. Haýyr-sahawat gaznasyndan howandarlyga mätäç çagalara ýurdumyzyň paýtagtynyň hem-de welaýatlarynyň lukmançylyk edaralarynda dürli operasiýalary geçirmek, bejergi üçin çykdajylary, çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde we mekdep internatlarynda terbiýelenilýän we okaýan ýaş raýatlar üçin lukmançylyk maksatly enjamlary satyn almaga tölegleri geçirmek däbe öwrüldi.

Goý, ýurdumyzyň her bir raýatynyň sagdyn we bagtyýar ýaşamagy üçin beýik işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli işleri, saglygy goraýyş ulgamynda alyp barýan döwletli tutumlary mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

**Akmaral ÝAGMUROWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky TDMI-niň talyby.*

# MIWELERIŇ WE GÖK ÖNÜMLERIŇ ŞIRESI

Miwe şireleri süýjä we witaminlere, gök önüm şireleri bolsa mineral duzlara baý bolup, olary naharlanmazdan 30-40 minut öň ýa-da 2-3 sagat soň içmeli. Şireleriň hersiniň özüne mahsus ulanyş düzgüni bar.

### NAR ŞIRESI

Nar şiresi örän ýeňil özleşýär, işdäni açýar, aşgazanyň işini sazlaýar, ganda gemoglobini köpeldýär. Buşukdyryjy, öt çykaryjy häsiýeti bolup, sowuklama, zäherlenmä garşy täsirli. Adatça ony käşir, şugundyr şiresi bilen ulanmak maslahat berilýär. Nar şiresinde aşgazanyň nemli bardasyny gyjyndyrýan we diş syrçalaryny zaýalaýan turşular köp. Şonuň üçin ony suwa garyp içmek maslahat berilýär. Ýokary turşulykly aşgazan kesellerinde, baş kesellerinde, aşgazanasty mäziň sowuklamasynda içmek maslahat berilmeýär.

### KELEM ŞIRESI

Düzüminde ýeňil özleşýän uglewodlar, C, PP witaminleri, foliý turşusy we aminokislotalar, kaliniň, natriniň, kalsiniň, demriň duzlary bolup, baş kesellerine garşy täsiri üýtgeşik madda-U witamini tapyldy. Şunuň bilen baglylykda, ýyly görnüşde aşgazanyň we on iki barmak içegäniň başynyň öňüni alyjy serişde hökmünde ulanylýar. Agyz boşlugynyň sowuklama kesellerinde ýap-ýaňy sykylyp alnan kelem şiresini biraz ýyladyp, agzyňy çaýkamak maslahat berilýär. Uglewodlaryň ýaglara öwrülmegini haýýalladýandygy üçin semizlikde ulanylýar. Günüň dowamynda birnäçe gezek nahardan 30 minut öň içmeli. Nemli barda bitiriji täsir edýändigine seretmezden, kelem şiresi aşgazan kesellerinde, başyň ýitileşen döwründe içilmese gowy. Agyry köşeşip, syrkaw gutulyp ugran döwründe welin ol ýerini çalşyp bolmajak serişdä öwrülýär.

### ALMA ŞIRESI

Alma şiresi C we P1 witaminlere baý bolup, düzüminde kaliniň, kalsiniň, demriň, misiň, marganesiň, kobaltyň, sinkiň, nikeliň duzlary bar. Damarlaryň gatamasynda (Ateroskrozda), bagryň, böwregiň, peşew haltasynyň hassalyklarynda, daşly peşew keselinde ulanylýar. Alma şiresindäki we maňzyndaky pektin içegäniň işini kadalaşdyrýar. Düzüminde süýjiniň we organiki turşularyň köp bolmagy ony uly fiziki agram salnandan soň bedeni çalt dikeltmekde deňsiz-taýsyz serişdä öwürýär. Bu içgi bir gije-gündiziň dowamynda 1 litre çenli içilende saglyga zyýan ýetirmeýär.

Täze alma şiresini aşgazan kesellerniň, başyň, aşgazanasty mäziň kesellerniň ýitileşmelerinde ulanmak maslahat berilmeýär.

### ÜZÜM ŞIRESI

Düzüminde köp möçberde süýji we kaliý bar. Nerw ulgamy gowşanda, beden gurpdan gaçanda ulanmak maslahat berilýär. Üzümiň garamtyl görnüşleriniň şiresinde ýürek keselleriniň döremek howpuny azaldýan maddalar bar. Yzygiderli içilende damarlarda holesterin azalýar, gan basyşy peselýär. Üzüm şiresi bakteriýa garşy, buşukdyryjy, iç sürüji, derlediji, gakylyk goparyjy häsiýetlere eýe. Täze sykylyp alnan şiräni bejeriş maksady bilen 3 hepdäniň dowamynda her gün 3 gezek ýarym bulgurdan içmeli. Ulanmazdan öň suw bilen des-deň (1:1) möçberde garmaly. Üzüm ýokary turşulykly gastritde, aşgazanyň we on iki barmak içegäniň basyşynda, süýjikeselde, semizlikde, öýkeniň dowamly sowuklama kesellerinde, şeýle hem meteorizmde (içiň ýellenmegi) içmek maslahat berilýär.

### KÄŞIR ŞIRESI

Ýap-ýaňy sykylyp alnan käşir şiresi gök önüm şireleriniň naýbaşysydyr. Ol aýratynda, immun ulgamy gowşak çagalar, uly ýaşlylar, derisi aýratyn garaşyk etmegi talap edýän adamlar üçin peýdaly. Sebäbi düzüminde beta-karotyň B topara degişli witaminler, kaliý, kalsiý, kobalt we beýleki mineral maddalar bar.

Beta-karotin göz üçin peýdaly. Ýöne onuň gowy özleşmegi üçin şire içilen dessine ýagly azyk önümini, iň gowusy, ösümlik ýagy garylan işdäaçar iýmeli. Käşir şiresini aşa köp mukdarda içmegiň zyýanlydygyny hem unutmaly däl. Sebäbi, düzüminde agdyklyk edýän beta-karotin bagra artykmaç agram salýar, meňziň saralmagyna getirýär. Bir günde ýarym litrden köp käşir şiresini içmek maslahat berilmeýär. Onuň düzümindäki zerur elementler bilen bedeni üpjün etmek üçin bu içginiň ýarym bulgury ýeterlik.

Içgeçmede we aşgazan başy beterleşende täze sykylyp alnan käşir şiresini içmek maslahat berilmeýär.

### POMIDOR ŞIRESI

Aşgazan-içege ulgamynyň işine oňyn täsir edýär, howply täze döremeleriň döremek howpuny azaldýar. Göwreli we çaga emdirýän zenanlar üçin örän peýdaly. Pes kaloriýaly bu içgi bedeniň agramyny artdyrmaýar. Täze taýýarlanan pomidor şiresinde içegedäki turşama we çüýreme hadysalaryny gowşadýan güýçli täsirli fitonsitler bar. Bu içgini nahardan 20-30 minut öň içmeli, sebäbi ol içegäniň we aşgazanyň iýmit siňdirişe taýýarlygyny ýokarlandyrýar. Duz onuň bejeriji täsirini peseldýär. Şonuň üçin duza derek maýdaja dogralan sarymsak, ukrop, petruşka, kinza ýaly gök otlary goşmaly. Pomidor şiresini gastritiň (aşgazan kesellerinde), baş kesellerniň, holesistitiň (öt haltasynyň çişmegi) beterleşmelerinde içmek maslahat berilmeýär.

**Guwanç SAPAROW,**
*Aşgabat şäher hassahanasynyň bölüm müdiri.*

# HAZAR DEŇZI – DOSTLUK WE HYZMATDAŞLYK DEŇZI

**12-nji awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky «Berkarar» myhmanhanasynda Hazar deňziniň gününe bagyşlanan «Hazar deňzi: durnukly ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi. Maslahatyň gün tertibine hazarýaka ýurtlaryň hyzmatdaşlygynyň ykdysady, durmuş, ekologik meseleleriň birnäçesiniň çözgüdini özünde jemleýän durnukly ösüşi üpjün etmek bilen bagly möhüm meseleleri girizildi.**

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Hazar sebitinde söwda-ykdysady we ulag-logistika hyzmatdaşlygyny, senagaty we energetikany ösdürmek, daşky gurşawy goramak, «ýaşyl ykdysadyýeti» kemala getirmek, ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, deňziň biologik köpdürlüligini gorap saklamak, bu täsin suw aýtymynyň tebigy baýlyklaryny rejeli peýdalanmak, geljekki nesillere miras galdyrmak barada giň gerimli, ýurt hem-de sebit ähmiýetli işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurtda döredilen ekologiki kanunçylyk ulgamy döwlet tebigaty goraýyş syýasatyny netijeli amala aşyrmaga we tebigy serişdeleri netijeli peýdalanmaga gönükdirilendir. Esasy üns bolsa Hazar deňziniň türkmen böleginiň deňiz gurşawyny goramaga berilýär.

1996-njy ýylda Türkmenistanda Hazar deňziniň hukuk derejesi hakynda Konwensiýany işläp taýýarlamak boýunça başlanan taslamanyň tamamlanmagy halkara ähmiýetli taryhy waka öwrüldi. Ondan has ozal Hazar deňziniň täze halkara-hukuk derejesi hakyndaky gepleşikler 1992-nji ýylyň fewral aýynda Tähranda geçirilen Kenarýaka döwletleriň birinji maslahatynda başlandy.

2012-nji ýylyň 21-nji iýunynda Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş boýunça «Rio+20» maslahatynda Türkmenistan Hazar deňziniň ekologiýasy bilen baglanyşykly meseleleri sebitiň çäginden çykýan möhüm meseleleriň biri hökmünde häsiýetlendirdi hem-de bu ugurdaky işleri döwrüň talaplaryna laýyk derejede guramak barada oňyn başlangyçlary öňe sürdi.

Hazar deňzi boýunça dürli ugurlarda işjeň hyzmatdaşlygy ýola goýmakda we ösdürmekde Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň sammitine uly orun degişlidigini aýratyn nygtamak gerek. 2002-nji ýylyň 22-23-nji aprelinde paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň birinji sammitiniň uly taryhy ähmiýetiniň bolandygyny aýratyn bellemek gerek. Onuň esasy maksady Hazar denziniň



hukuk ýagdaýy hakynda ylalaşyga gelmek boldy. Bu sammitiň dowamynda sebitde ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, tebigy gazy ibermek we onuň söwdasy, sebitiň ekologiýa ýagdaýy, Hazar sebitinde döwletara ulag hyzmatdaşlygyny ösdürmek barada özara işjeň pikir alyşmalar bolup geçdi. Şeýlelikde, hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň şol taryhy duşuşygyndan bäri geçen döwrüň dowamynda şunuň ýaly sammitleriň 6-sy bolup geçdi. Ýagny, 2007-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda Eýran Yslam Respublikasynyň paýtagty Tähran şäherinde ikinji, 2010-njy ýylyň 18-nji noýabrynda Azerbaýjan Respublikasynyň paýtagty Baku şäherinde üçünji, 2014-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Russiýa Federasiýasynyň Astrahan şäherinde dördünji, 2018-nji ýylyň 12-nji awgustynda Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherinde bäşinji, 2022-nji ýylyň 29-njy iýunynda paýtagtymyz Aşgabatda altynjy sammitleri geçdi.

Ýeri gelende bellesek, 2018-nji ýylyň 12-nji awgustynda Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherinde hazarýaka ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň bäşinji sammitinde ýurdumyz tarapyndan ykdysady ulgamyň Hazardaky hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryň biridigi, bu ulgamyň ulag, logistika, kommunikasiýalar, energetika, önümçilik taýdan ýakynlaşmak ýaly ulgamlary we beýleki köp ugurlary öz içine alýandygy bellenilip, bu babatda hyzmatdaşlygyň geljegi uly, täsin görnüşini – Hazar ykdysady forumyny döretmek hakyndaky başlangyjy öňe sürüldi. Şeýle forum ilkinji gezek 2019-njy ýylyň 12-nji awgustynda Hazar deňziniň türkmen kenarynyň merjeni hasaplanýan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýokary guramaçylyk derejesinde geçirildi. Bu forumda 2018-nji ýylyň 12-nji awgustynda Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherinde geçirilen bäşinji Hazar sammitiniň çäklerinde hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Hazar deňziniň hukuk derejesi hakyndaky gol çekilen Konwensiýa boýunça nebit dökülmelerine garşy göreşmek boýunça (Aktau teswirnamasy), Ýerasty çeşmelerden gelýän hapalanmalardan goramak boýunça (Moskwa teswirnamasy), biologiki köpdürlüligiň goralyp saklanmagy boýunça (Aşgabat teswirnamasy) we transserhet mazmunynda daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermek ýaly dört sany kabul edilen Teswirnamalaryň üstünde durlup, ara alnyp maslahatlaşyldy. Bulardan başga-da, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn duşuşyklar, döwlet, işewür toparlaryň we kompaniýalaryň wekilleriniň gatnaşmagynda «Hazar deňzi: Halkara ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmegiň bähbitleri» atly maslahat hem-de oňa degişli ugurlar boýunça mowzuklar geçirildi. Bu geçirilen forum ýurdumyzyň halkara derejesindäki abraýmertebesini ýene bir gezek beýgeltdi.

**Amanmyrat ARAZOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň Aspirantura bölüminiň baş hünärmeni, uniwersitetiň Alymlar geňeşiniň alym-kätibi.*

# ZÄHMET SOŇY – REHNET

**Adamy beýleki jandarlardan tapawutlandyrýan zat onuň akyly we zähmetidir. Zähmet üstünligiň ilkinji şertidir. Zähmetsiz hiç zat mümkin däl. Eger «Beýik işleri amala aşyrmak üçin adama iň gerekli zat näme?» diýip soralsa onuň jogaby «Zähmetsöýerlik» bolardy. Zehini görmezlik mümkin, başarjaňlygy görmezlik mümkin, yhlasy görmezlik mümkin, emma zähmeti görmezlik mümkin däl. Zähmetsöýer adamy, onuň zähmetiniň netijesini gözden sypdyrmak mümkin däl. Meselem, Müsür barada bilýän zadyňdan biri hökmany suratda Müsür piramidalary bolar. Hytaý barada bilýän zadyňdan biri hökmany suratda Beýik Hytaý diwary bolar, sebäbi bu diwary gurmak üçin millionlarça adam zähmet siňdiripdir. Diýmek zähmeti, zähmetiň netijesini görmezlik mümkin däl.**

Basketbolyň ýyldyzy Maýkl Jordan egindeşleriniň arasynda özüniň bökmek we topy tora salmak ukyby bilen däl-de, ilki bilen örän agyr türgenleşikleri bilen tanalypdyr we munuň üçin oňa uly hormat goýupdyrlar. Hatda ýyldyz basketbolçy hökmünde tanalyp başlanyndan soňam, bu erjel türgen agyr türgenleşiklerini birjigem sypdyrmandyr. Agyr türgenleşikleriň üsti bilen zähmet çekmegi we der dökmegi öwrenýärsiň. Ruhuňy durnukly ýagdaýda saklamak üçin zähmet çekmekden peýdaly zat ýokdur. Sebäbi, eger işlenilse, zähmet çekilse, hökmany suratda netije bolaýmaly. Eger netije bolmasa ýa-ha zähmet çekilen däldir, ýa-da ýalňyş zähmet çekilendir.

Diňe zähmet, onda-da halal zähmet bagt getirýändir. Zähmetiň halal bolmagy – ilkinji şert. Käte-käte öňümizde aňsat öwrüm edip bolýan ýollar peýda bolýar, käteler seriňi dumanladýan ýagdaýlar ýüze çykýar. Emma bularyň ählisi durmuşyň synagy, biz dogry ýola pugta eýerýärismi ýa-da ýeňil zada ýykgyn edýärismi? Ymaratyň düýbüne sement däl-de, saman düşeseň, ýokarsyna kerpiç örmek kyn bolar.

Zähmet bilen yhlas bolmasa, zehin bilen ukybyň peýdasy ýokdur. Zähmet we irginsiz ylym öwrenmek bilen örän uzaklara gidip bolýandyr. Iň zähmetsöýer we iň yhlasly adam ýeňiş gazanýandyr.

Zähmet hem aňly-düşünjeli guralmasa, ol harsydünýälige elter. Şeýle zähmetiň netijesi ýaramaz bolar. Zähmet diňe oňyn netijä – haýyrly zatlara hyzmat etmelidir. Ata-babalarymyzyň zähmet terbiýesinde şolar bilen bagly düşünjeler hem kemala getirilendir. Şolar esasynda ýaş nesillerde zähmete söýgini döretmek jemgyýetimiziň möhüm wezipesidir. Ata-babalarymyz: «Zähmet soňy – rehnet» diýipdir.

Zähmet endigini ele almadyk adam edil elsiz-aýaksyz ýalydyr, ýönekeý ýagdaýlarda hem başyny çarap bilmän durandyr. Zandynda zähmet terbiýesi bolan adam bolsa hökman bir ugur tapar. Zähmet ugurtapyjylygy hem terbiýeleýär. Ata-babalarymyzyň gadymdan gelýän ýörelgeleri zähmete söýginiň netijesinde kemala gelen iň naýbaşy nusgalardyr. Çünki zähmete söýgi we zähmete endik aýry-aýry düşünjeler bolsa-da, biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Ýalta adamda zähmete gadyr goýmak düşünjesi hem bolmaýar. Şonuň ýaly adamyň özüni kämilleşdirmegi kyn bolýar. Ýaşlara zähmete gadyr goýmagy, zähmetiň miwesiniň nireden gelýändigine düşünmegi hem öwredilmelidir. Sebäbi adamy tanamagyň esasy ölçegi onuň adamkärçiligi we zähmetsöýerligi hasap edilýär.

Garaşsyz Watanymyzda topraga örküni baglan, topraga yhlas etmegiň gadymy däplerine ygrarly daý-



hanlaryň durmuşy päk zähmetiň hözirliliginiň aýdyň mysalydyr. Ýurdumyzda olaryň zähmetine uly sarpa goýulýar. Zähmete yhlasly adam zähmetiň miwesine gadyr goýmagy hem bilýär. Zähmet çekmek endikleri uzak wagtyň dowamynda kämilleşdirilip, ussatlyga ýol açýar. Şunda adamyň gaýtalamak, ünsli bolmak, kanagat etmek endikleri kemala getirilmelidir.

Zähmet adamda peýdaly endikleriň kemala gelmegi üçin derwaýysdyr. Alyn deriňi saçyp çekilen zähmetiň hözirini hiç zat bilen deňäp bolmaz. Zähmetsöýerlik adamyň häsiýetini hem terbiýeleýär. Sebäbi zähmetiň adamyň özüne erk etmegini terbiýeleýänligindedir. Zähmet çekmäge endik edip, munuň peýdasyna düşünen adam häsiýetine hem erk edip bilýär.

Zähmetde gözellik bar. Adamyň zähmetiň gymmatyna düşünmegi, zähmetiň gadyryny bilmegi onuň mertebesini beýgeldýär. Çünki zähmet daragty adamyň özünde bolup, ol adamyň tebigy ukybynyň endik bilen özleşdirilmeginiň netijesidir.

Zähmet – yhlasyň miwesi. Zähmete endik eden adamyň ýüzi nurly bolýar. Ata-babalarymyz «Bu günki işiňi ertä goýma» diýen ýörelgä eýeripdir. Çünki zähmetiň miwesi edil baharda tebigatyň eçilýän baýlygy ýaly, gözüňi dokundyrýan baýlykdyr. Alyn deriň siňen, öz eliň degen halal zähmetiň tagamy, täsiri üýtgeşik bolýar. Indiki ädimleriň batly bolmagy üçinem halal zähmetiň uly ähmiýeti bar.

Ynsan öz ykbalyny zähmet bilen bezän halatynda, onuň öwüşgini, nury artyp başlaýar. Göwnüne giňlik, ruhubelentlik, maksada okgunly dowam etmeklik ýaly häsiýetler hemra bolýar. Onsoňam, her zadyň özüne mahsus zynaty bardyr. Guşda ganat, atda aýak, balykda ýüzgüç... adamda bolsa gelşikli ýaradylan on iki synadan daşary arassa ahlak, ynam, zähmet şol gözellikleriň üstüni ýetirip durýar. Bilegiňe güýç berip, ýüzüňe nur çaýýanam, süňňüňi taplap, saglyk paýyny bol berýänem, alysy ýakyn edip, ýoluňa ýagty saçýanam zähmetdir. Çünki, biziň zehinimizi açýan zat yhlasly zähmetdir. Zähmet bizi üstünliklere ýetirýän goşa ganatymyzdyr.

**Bagtyýar GURBANBERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde



**Jokowiçiň muzeýi gurlar.** Serbiýanyň Prezidenti Aleksandr Wuçiç ýakyn wagtda ýurtda meşhur tennisçi Nowak Jokowiçiň muzeýiniň gurluşygyna başlanjakdygyny mälim etdi. Serbiýanyň Baştutanynyň aýtmagyna görä, bu muzeý Jokowiçiň sporta we ýurduň taryhyna goşan goşandyny görkezýän milli ýadygärlige öwrüler.



**Balygyň seýrek görnüşi.** Gazagystanyň Balyk hojalygy boýunça ylmy-önümçilik merkeziniň işgärleri Hazar deňzinden seýrek duş gelýän gyzyl balyk (Salmo caspius) tutdular. Kenderli aýlagyndan tutulan balygyň uzynlygy 47 santimetr, agramy 1,3 kilogram. Lasos surata düşürilenden soň gaýtadan deňze goýberildi.



**12 müň ýyllyk Gün senenamasy.** Alymlar Türkiýedäki Göbeklitepe ýadygärlikler toplumynda ýaşy 12 müň ýyl töweregi diýlip çak edilýän daş sütünlerde syrly nyşanlary ýüze çykardylar. Alymlar munuň astronomik hadysalary bellik etmek üçin döredilen dünýäniň iň gadymy Gün senenamasy bolmagynyň mümkindigini çaklaýarlar.



**Bäsleşigiň jemini jemlediler.** Şu ýylyň «Fine Art Photography Awards» bäsleşiginiň eminleri «Ýabany tebigat we haýwanlar» kategoriýasy boýunça her ýyl geçirilýän bäsleşigiň jemini jemlediler. Bäsleşikde ýeňiji bolan fotosuratlar haýran galdyryjy aýdyňlygy we duýgy taýdan çuňlugy bilen tapawutlanýar.



**Tikensiz bägül ýetişdirildi.** Alymlar tikensiz bägül ýetişdirmegiň usulyny oýlap tapdylar. Ylmy barlaglar bu ösümlikde tikenleriň ösmegine genleriň gadymy maşgalasynyň sebäp bolýandygyny ýüze çykardy. Bu ýagdaý millionlarça ýyllap ewolýusion bölünişige garamazdan, gülleriň görnüşlerinde saklanyp galypdyr.



**Güýçli litiý batareýalaryny döretdi.** Hytaýly inženerler gaty litiý batareýalary üçin katodyň innowasion modifikasiýasyny döretdiler. Täze tehnologiýa enjamlaryň energiýa dykyzlygyny we hyzmat ediş möhletini 20 müň gezek zarýad berip bolýan derejä çenli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berdi diýip, «Nature» neşiri ýazýar.



**Tagallalaryny birleşdirer.** «Microsoft» we «Lumen Technologies» emeli aňyň infrastrukturasyny berkitmäge gönükdirilen strategik hyzmatdaşlygy yglan etdiler. Bu hyzmatdaşlyk «Microsoft»-yň maglumatlary işläp taýýarlaýan merkezleri üçin ulgam kuwwatlylygyny giňeltmäge mümkinçilik berer.



**Kosmosa ýol peteginiň nyrhy.** ABŞ-nyň «Virgin Galactic» kompaniýasynyň kosmos gämisinde uçmak üçin peteginiň bahasy bir orun üçin 600 müň dollar bolar. Maksatnama görä, alty orunlyk «Delta» gämisi 2026-njy ýylda ulanyşa taýýar ediler. «Virgin Galactic» her ýyl 750 adamy kosmosa syýahata äkitmegi maksat edinýär.




**Hytaýyň iň baý adamy.** Hytaýyň «Pinduoduo» elektron söwda dükanlarynyň esaslandyryjysy Kolin Huan Hytaýyň iň baý adamy hasaplanýar. Maglumatlara görä, milliarderiň baýlygy 48,6 milliard dollara deň bolup, bu oňa dünýäniň iň baý adamlarynyň sanawynda 25-nji orny eýelemäge mümkinçilik berýär.



**Syýahatçylaryň akymy rekord derejede.** 2024-nji ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda Dubaý 9,31 million daşary ýurt syýahatçysyny kabul etdi. Bu 2023-nji ýylyň birinji ýarymyndaky 8,55 milliondan 9 göterim köpdür. Bu barada Dubaýyň Ykdysadyýet we syýahatçylyk departamenti habar berdi.

## TARYHDA ŞU GÜN

1960-njy ýylyň 16-njy awgustynda Stokgolmda XI Halkara astronawtika kongresiniň karary bilen Halkara astronawtika akademiýasy (IAA) döredildi. Akademiýanyň döredilmegi baradaky başlangyç bilen raketa we aerodinamika boýunça meşhur alym Teodor fon Karman çykyş etdi. Häzirki wagtda akademiýanyň agzalary 83 ýurduň alymlaryndan ybarat.



## Muhammad Ýunus kasam kabul etdi

Parahatçylyk boýunça Nobel baýragynyň eýesi Muhammad Ýunus Bangladeşiň wagtlaýyn hökümetiniň başlygy hökmünde kasam kabul etdi. Paýtagt Dakkadaky Prezident köşgünde 84 ýaşly Muhammad Ýunus we wagtlaýyn hökümetiň beýleki täze agzalary Prezident Muhammad Şahabuddiniň gatnaşmagynda kasam kabul etdiler. Ýunus özüne bildirilýän ynam üçin hoşallyk bildirdi we ýurtda erkin saýlawlary geçirmäge mümkinçiligiň döredWith iljekdigini belledi. Şeýlelikde, Ýunus wagtlaýyn hökümetiň baş geňeşçisi wezipesine bellenip, bu dereje Premýer-ministriň wezipesi bilen deňdir. Täze wagtlaýyn Ministrler Kabinetiniň düzüminde 16 agza bar.



Golaýda Premýer-ministr Şeýh Hasina Wazed işinden çekildi. Şondan soň ýurduň Prezidenti Şahabuddin wagtlaýyn hökümetiň gurulmagyna ýol açyp, parlamenti ýatyrdy. Muhammad Ýunus dünýä ykdysadyýetine we jemgyýetçilik ösüşine goşan goşandy üçin 2006-njy ýylda Nobeliň Parahatçylyk boýunça baýragyna mynasyp boldy. Hususan-da, ol özüniň esaslandyran bankynyň üsti bilen Bangladeşiň oba ilatyna az möçberli karzlary berip başlandan soň, oňa mikromaliýeleşdirmek we mikrokredit boýunça öňdebaryjy hünärmen diýlip, baha berildi.

Bangladeş Günorta Aziýadaky ösýän ykdysadyýetli, agrar-senagatly ýurtdur. Ýurduň 171 milliondan gowrak ilaty bolup, dünýäde iň köp ilatly ýurtlaryň biridir.

## Dalaşgärleriň arasynda teleçekişme geçiriler

**ABŞ-nyň öňki Prezidenti Donald Tramp we häzirki wise-prezident Kamala Harris ABC teleýaýlymynda 10-njy sentýabrda teleçekişme geçirmek barada ylalaşdylar.**

**ABC-niň beýanatynda Pespublikan partiýadan prezidentlige dalaşgär Donald Tramp we Demokratik partiýadan onuň bäsdeşi Kamala Harris telewideniýede guraljak çekişmä gatnaşýandyklaryny tassykladylar. Tramp Florida ştatynyň Palm-Biç şäherinde geçirilen metbugat ýygnagynda, Harris bilen üç teleçekişme geçirmekçidigini aýtdy.**



**Ýöne Kamala Harris Trampyň teklip eden beýleki iki duşuşygy barada hiç zat aýtmady. ABŞ-nyň öňki Prezidenti 4-nji sentýabrda «Fox News» teleýaýlymynda, 25-nji sentýabrda bolsa NBC teleýaýlymynda Harris bilen teleçekişmeleri geçirmäge taýýardygyny mälim etdi.**

**Demokratik partiýadan prezidentlige dalaşgär Kamala Harris şu wagta çenli bäsdeşinden 5 göterim öňde barýar. Ýakynda 2 müňden gowrak amerikaly saýlawçylaryň arasynda pikir soralyşyk geçirildi. Olaryň 42 göterimi Kamala Harrisi, 37 göterimi bolsa Donald Trampy goldady. Ýene-de 4 göterimi garaşsyz dalaşgär Robert Kennedi kiçini makullady.**

**Golaýda Kamala Harris resmi taýdan ABŞ-nyň prezidentligine dalaşgär boldy. Ol bu barada Filadelfiýada geçirilen ýygnakda yglan etdi.**

## TÄZE HÜNÄRLER TASSYKLANDY

Hytaýyň Adam gorlary we jemgyýetçilik üpjünçiligi ministrligi täze 19 hünäriň ykrar edilendigini habar berdi. Täze hünärleriň köpüsi sanly ykdysadyýet we innowasiýa pudaklary bilen gönüden-göni baglanyşykly bolup, munuň özi bu pudaklaryň ýokary depgin bilen ösýändigini görkezýär.



Täze hünärleri tassyklamak boýunça işler geçen ýylyň ahyrynda başlandy, ýöne gutarnykly sanaw ýakynda çap edildi. Täze hünärleriň içinde onlaýn-strimer, «akylly» awtoulaglaryň sürüjisi, emeli aň programmalary boýunça hünärmen, bioinženerlik ugrundan tehnik, «akylly» önümçilik ulgamlarynyň dolandyryjysy we beýlekiler bar.

«Täze hünärleriň döredilmegi iş ýerlerini, professional bilimi we bilim bermegi ösdürmäge, işgärleriň zähmet standartlaryny ýokarlandyrmaga, şeýle hem iş bilen üpjünçilige we telekeçilige ýardam bermek üçin möhüm ähmiýete eýe bolar» diýlip, ministrligiň resmi beýanatynda bellenilýär.

Ýurduň habar beriş serişdeleri täze hünärleriň ykrar edilmeginiň adamlaryň iş ýerlerinde ukyp-başarnyklaryny yzygiderli ýokarlandyryp, milli syýasatyň artykmaçlyklaryndan peýdalanmagyna mümkinçilik döredip biljekdigini habar berýärler. Maglumatlarda, ýurtda zähmet bazaryna ep-esli täsirini ýetirýän onlaýn-strimer hünäriniň has-da ösdürilýändigi bellenilýär.

## ABAÝ GÜNI BELLENILDI

10-njy awgustda Gazagystanda görnükli şahyr, aň-bilim ýaýradyjy we filosof Abaý Kunanbaýewiň hormatyna Abaý güni bellenilip geçildi. Bu ýyl onuň doglan gününe 179 ýyl doldy. Şol gün ýurduň paýtagty Astanada Abaýyň ýadygärligine gül goýmak dabarasy geçirildi.

Abaý Kunanbaýew gazak şahyry, magaryfçysy, akyldary we jemgyýetçilik işgäridir. Ol Gazagystanyň ýazuw edebiýatyny esaslandyryjy we ýurduň ilkinji nusgawy ýazyjysydyr. Abaý, yslam ýörelgeleri esasynda gazak däp-dessurlaryny Ýewropa medeniýetine ýakynlaşdyrmaga tagalla eden medeni reformaçy hökmünde hem giňden tanalýar.

1995-nji ýylda ÝUNESKO hem-de Gazagystanyň hökümeti tarapyndan şahyryň doglan gününiň 150 ýyllygy dabaraly bellenilip geçildi. Beýik gazak şahyrynyň doglan güni 2020-nji ýyldan bäri resmi taýdan Gazagystanda baýramçylyk hökmünde bellenilip geçilýär. Häzirki wagtda Kairde, Tähranda we Moskwada şahyryň ýadygärlikleri bar. Indi biziň ýurdumyzda hem beýik şahyryň ýadygärligini oturtmak meýilleşdirilýär. Gazagystanda Abaýyň adyny köçeler, uniwersitet we teatr göterýär. Karagandy welaýatynda onuň adyny göterýän şäher bar. Alpinistler her ýyl ýurduň iň beýik dag gerişleriniň biri bolan Abaý belentligine (4010 metr) çykýarlar.




Almatyda 7-10-njy awgust aralygynda şahyryň we magaryfçynyň doglan gününe bagyşlanyp, 20-den gowrak çäre geçirildi.

## DÖRT GÜNLÜK IŞ HEPDESINI HÖDÜRLEMEKÇI

Dubaýyň Hökümetiniň Adam gorlaryny dolandyrmak boýunça departamenti dört günlük iş hepdesini girizmek boýunça synaglara 15 sany döwlet edarasyny saýlap aldy. Şeýle hem bu edaralaryň işgärleriniň iş gününiň dowamlylygyny ýedi sagada çenli azaltmak göz öňünde tutulýar. Bu barada Emirligiň Hökümetiniň metbugat gullugy habar berdi.

12-nji awgustda girizilen synag 30-njy sentýabra çenli dowam eder. Bu döwürde synag taslamasyna gatnaşýan edaralaryň işgärlerine doly aýlyk tölener. «Biziň çeýe tomsumyz» diýip atlandyrylan Hökümetiň başlangyjy diňe döwlet işgärlerine degişli bolup, bu synaga hususy pudagyň kompaniýalary gatnaşmaýar.

– Adam gorlaryny dolandyrmak boýunça departament tarapyndan öňdebaryjy halkara tejribelerine, şeýle-de biziň çeýe iş gurşawyny döretmek baradaky tagallalarymyza laýyk gelýän «Biziň çeýe tomsumyz» başlangyjy ýola goýuldy. Bu başlangyç, döwlet işgärlerine öz işiniň hem-de şahsy durmuşynyň deňagramlylygyny saklamaga mümkinçilik berýär. Bu meýilnama işgärleriň durmuş derejesiniň hilini ýokarlandyrmaga we döwlet gorlaryny oýlanyşykly peýdalanmaga gönükdirilendir – diýip, departamentiň başlygy Abdullah Ali bin Zaýed al-Falasi aýdýar.



30-njy sentýabrdan soň departament synagyň netijelerini seljerer. Bu bolsa, dört günlük iş hepdesiniň netijeliligini anyklamaga mümkinçilik berer. Şeýle hem departament başlangyjy giňeltmek ýa-da döwlet edaralarynyň iş tertibine başga üýtgeşmeler girizmek boýunça degişli teklipleri taýýarlaýar.

## BOLGARIÝA ÝEWRO GEÇER

**Bolgariýanyň Halk ýygnagy (parlament) ýewronyň milli pul hökmünde dolanyşyga girizilmegini tassyklaýan kanun kabul etdi.**



**Bu kanun Bolgariýada ýewronyň dolanyşyga girizilmeginiň ýörelgelerini we kadalaryny tertibe salyp, ýewro geçişiň düzgünlerini kesgitleýär hem-de raýatlara täze walýuta uýgunlaşmaga wagt berjek geçiş döwrüni girizýär. Bolgariýada ýewronyň dolanyşyga goýberiljek wagty heniz kesgitlenilmedi. Onuň wagty Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşi tarapyndan kesgitlenmeli diýlip, habarda bellenilýär.**

**Ýewronyň bolgar lewi bilen birlikde dolanyşykda bolmagy ýeke-täk Ýewropa pulunyň girizilmeginden soň bir aýa çenli dowam eder. Geçiş döwri gutarandan soň, bolgar puly dolanyşykdan doly aýrylar. Harytlaryň we hyzmatlaryň bahalary bolsa, ýylyň dowamynda iki pul birliginde-de görkeziler.**

**Bolgariýanyň Halk banky kanuna laýyklykda, raýatlaryň kagyz pullaryny we şaýylyklaryny resmi nyrhda çäklendirilmedik mukdarda, wagty çäklendirmezden we hyzmat üçin töleg almazdan ýewro bilen çalyşmaga borçly edildi.**

## «AKYLLY» OKUW GOLLANMALARY

Koreýa Respublikasynyň mekdepleri «geljegiň synp otaglary» taslamasynyň çäginde emeli aňly okuw gollanmalaryny ornaşdyryp başladylar. 2023-nji ýyldan bäri LG ýurduň 18 mekdebinde eýýäm ýola goýlan şeýle synp otaglaryny döredip başlady. Bu okuw otaglarynda mugallymlara we okuwçylara kömek edip biljek emeli aň bilen enjamlaşdyrylan CLOi adamsypat robotlaryna birikdirilen sanly tagtalar gurnalandyr.

Koreýa Respublikasynyň Bilim ministrligi emeli aňly sanly okuw gollanmalaryny ornaşdyrmak boýunça meýilnamasyny mälim etdi.

2025-nji ýyldan başlap, täze okuw gollanmalary matematikany, informatikany, koreý we iňlis dillerini öwrenmek maksady bilen ulanylar. 2028-nji ýyldan başlap, olar jemgyýeti öwreniş bilimi, taryh, tebigy ylymlar we tehnologiýa ýaly ugurlary hem öz içine alar.

Emeli aňly okuw gollanmalaryny işläp düzmek işleri bilen «Samsung» we LG kompaniýalary meşgullanýar. Gollanmalary köp dillerde ulanyp bolar.



Goşmaça funksiýalary entek mälim edilmedi.

– Mugallymlar okatmagyň netijeli usullaryny işläp düzmek bilen emeli aň esasly sanly okuw gollanmalaryny ulanmakda aýgytly ädim ädýärler – diýip, ýurduň bilim ministri Li Ju Ho aýtdy.

## Dünýäniň iň gymmat şäherleri

2024-nji ýylda ýaşaýyş üçin iň gymmat şäherleriň sanawynda Ženewa birinji orny eýeledi. Ilkinji üçlüge Sýurih we Nýu-Ýork girdi. «Numbeo» platformasy tarapyndan hödürlenen ýaşaýşyň bahasy boýunça täzelenen indeksde Ženewa şäheri 101,7 bal gazanyp, dünýäniň beýleki şäherlerinden öňe saýlandy.

Ýaşaýşyň bahasy boýunça sanawda azyk önümleri, ulag we jemagat hyzmatlary ýaly esasy sarp ediş harytlarynyň we hyzmatlarynyň nyrhy göz öňünde tutulýar. Ýöne bu görkeziji kärende tölegleri ýa-da ipoteka ýaly ýaşaýyş çykdajylaryny öz içine almaýar.

Şweýsariýanyň Sýurih şäheri täze sanawda 100,4 bal bilen ikinji orny eýeledi. Üçünji orunda 100 bal bilen Nýu-Ýork, onuň yz ýanyndan San-Fransisko (90,5), Boston (85,8) we Reýkýawik (83,9) gelýär. Amerikanyň başga-da birnäçe şäheri, şol sanda, Waşington (82,5), Sietl (81,5), Los-Anjeles (80,9), Çikago (80,2) ýaly şäherleri ilkinji onluga girdi.



Beýleki tarapdan, Pakistanyň we Hindistanyň Karaçi, Lahor we Kalkutta ýaly şäherleriniň görkezijileri 19-21 bal aralygynda bolup, ýaşaýyş üçin iň arzan şäherler hökmünde ykrar edildi. Dünýäniň 218 şäherini öz içine alýan sanaw her alty aýdan bir gezek çap edilýär. Giňişleýin baha bermek üçin «ýaşaýşyň bahasy boýunça indeks» ulanylýar.

## Afrikanyň iň uly howa menzili gurlar



**Efiopiýanyň paýtagty Addis-Abebanyň golaýynda Afrika yklymynda iň uly halkara howa menzilini gurmak barada karar kabul edildi. Maglumatlara görä, howa menzili ýylda 100 million ýolagça hyzmat etmek üçin niýetlenendir. Afrikanyň iň uly we iň çalt ösýän awiakompaniýasy «Ethiopian Airlines» Efiopiýanyň täze howa menziliniň dizaýnyny işläp düzmek maksady bilen DAR halkara konsalting topary bilen özara düşünişmek baradaky Ähtnama gol çekdi.**

**«Ethiopian Airlines» toparynyň baş direktory Mesfin Taseunyň sözlerine görä, toplumyň bahasy 6 milliard dollara deň bolup, meýdany 35 inedördül kilometr bolar. Howa menzili ýurduň paýtagtyndan 17 kilometr uzaklykdaky Bişoftun şäheriniň golaýynda bäş ýylyň içinde gurlup, ulanmaga berler. Şeýle hem DAR ägirt uly gurluşyk taslamasy üçin kärendeçileri saýlar.**

**Awiakompaniýanyň ýolbaşçysynyň sözlerine görä, täze halkara howa menzili birinji tapgyrda ýylda 60 million ýolagça hyzmat etmek üçin niýetlenendir we ikinji tapgyrynyň tamamlanmagy bilen 100 million adama hyzmat edip biler. Howa menziline bir wagtda 4 laýner gonar. «Ethiopian Airlines»-iň häzirki howa menzili ýylda 20 million ýolagçy kabul etmäge ukyply.**

**DAR-yň baş direktory Tarik al-Kanni täze howa menziliniň Afrikada iň uly aeroport boljakdygyny we «ultramodern» dizaýnynda ýerine ýetiriljekdigini mälim etdi. Onuň sözlerine görä, bu taslama «Ethiopian Airlines» howa ýollaryna dünýäniň iň gowy awiakompaniýalarynyň onlugyna girmäge mümkinçilik berer.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# WULKANLARYŇ WE BUZLUKLARYŇ ÝURDY

Demirgazyk Atlantikanyň merkezinde ýerleşýän Islandiýa haýran galdyryjy buzluklary hem-de hereket edýän wulkanlary bilen tebigaty söýüjileriň ünsüni özüne çekýär. Islandiýa diýlende köpler Demirgazyk ýşyklary göz öňüne getirýär. Köpler bolsa Islandiýany gyzgyn suwly kölleriň ýurdy hökmünde tanaýar. Islandiýa 103 müň inedördül kilometr meýdany tutýan ada ýurdy bolup, Arktika tegelegine örän ýakyn ýerleşýär. Şol sebäpli bu ýerde tomsuna ak gijeleri, gyşyna bolsa dürli öwüşgünli demirgazyk ýşyklaryny synlap bolýar. Syýahatçylaryň köpüsi bu ýurda Tingwadlawatn kölüni görmek üçin barýarlar.



Ýurduň paýtagty Reýkýawik şäheri bolup, Koupawogýur, Habnarfordýur, Reýkýanesbaýr, Akureýri, Gardabaýr Islandiýanyň esasy şäherleri hasaplanýar. Islandiýalylaryň 95 göterimi island dilinde gepleşýärler. Ýurduň resmi dili island dili bolup, ikinji we üçünji dil hökmünde dat we iňlis dilleri öwredilýär. Şol sebäpli ada ýurduna barýan syýahatçylar ýerli ilat bilen düşünişmekde kynçylyk çekmeýärler. 2007-nji ýylda Islandiýa BMG tarapyndan ýaşamak üçin dünýäniň iň gowy ýurdy diýlip saýlandy. Sowuk ýurda Keflawik howa menzili arkaly ýa-da deňiz üsti bilen baryp bolýar. Gezelenje barýan syýahatçylara çig we kakadylan et, gaýnadylan süýt, bişirilmedik ýumurtga getirmek gadagan edilýär. Islandiýanyň milli aşhanasynda balyk we deňiz önümleri esasy orny eýeleýär. Akula etinden taýýarlanýan naharlar, leňňeç çorbasy, gaýnadylan goçuň kellesi, süýji tüwi pudingi, kremli gatyk hem-de pişme (kleinur donuts) ýurduň meşhur tagamlarydyr.

Islandiýa ýylyň ähli paslynda syýahatçylar üçin açykdyr. Ada ýurduna barýanlar tebigy gözellikler bilen bir hatarda, island atlaryny, polýar tilkilerini we ak delfinleriň täsin hereketlerini synlap bilýärler. Islandiýa söwda we jemgyýetçilik güýmenjeleri üçin däl-de, hemme zatdan uzaklaşyp, tebigatda asuda dynç almak isleýänler üçin iň gowy ýerleriň biridir.

**ISLANDIÝA BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR:**

☑ Islandiýanyň 382 müňden gowrak ilaty bar. Ýurduň ilatynyň esasy bölegi «dünýäniň iň sowuk paýtagty» diýlip tanalýan Reýkýawik şäherinde ýaşaýar.

☑ Islandiýa Ýer togalagyndaky iň ýaş ýerleriň biridir. Mundan 1100 ýyl ozal açylan ada adamlaryň iň soňky mesgen tutan ýerleriniň biri hökmünde tanalýar.

☑ Ada döwletiniň ýaşaýjylary mifiki jandarlaryň (elf, troll we beýlekiler) bardygyna we her ýyl öýlere aýlanýandygyna ynanýarlar. Wikingler döwrüne degişli bu mifologik ynanç entegem dowam edýär.

☑ Wulkan läbigi bilen gyzdyrylan howuzlarda gyşyna suwa düşmek islandiýalylaryň ýoň bolan däpleriniň biridir. Ýurtdaky mawy lagun we açyk gök suw howuzlarynyň gyzgynlygy 37-40 dereje bolup, dünýäniň iň meşhur gyzgyn çeşmeleri hasaplanýar.

☑ Islandiýa iki tektonik plastinkada ýerleşýär. Şol sebäpli adada işjeň wulkan köp.

☑ Ýewropanyň iň uly buzlugy Islandiýada ýerleşýär. Ýurduň tutýan meýdanynyň 11 göterimi buzluk bilen örtülendir. Buzluklar Islandiýanyň esasy gözel ýerleriniň biri bolup, 300 töweregi buzlugyň aýratynlykda ady bar.

☑ Islandiýanyň baýdagyndaky 3 milli reňkiň öz manysy bar. Wulkan läbigi gyzyl, gar we buzluklar ak, umman bolsa gök reňkde suratlandyrylýar.

☑ Islendik syýahatçynyň arzuwynda demirgazyk ýşyklary görmek bar bolsa gerek. Islandiýada sentýabrdan mart aýyna çenli aralykda asmanda şugla saçýan reňkleri synlap bolýar.

☑ Islandiýada çaga at dakmak Günbatar ýurtlardaky ýaly däl. Bu ýurtda adamyň familiýasy kakasynyň adyndan gelip çykýar. Mysal üçin, kakasynyň ogly, kakasynyň gyzy. Şol sebäpli bu ýurtda familiýa diýen düşünje ýok.

☑ Islandiýalylar wulkan atylan güni çörek bişirip paýlaýarlar. Bu yrym ençeme ýyl bäri dowam edip gelýär. Ada ýurdunda ýaşaýan çagalar Aýazbabadan gorkýarlar. Sebäbi ol çagalara diňe bir sowgat paýlaman, baýramçylyk güni jezalandyryp hem bilýär.

# Dürli halklardaky yrym-ynançlar

**Taryhyň dowamynda adamlar näbelli we düşünmedik zatlaryndan özlerini howpsuz duýmak üçin, şeýle hem gorkuly ýagdaýlardan çykalga gözläp dürli yrymlary döredipdirler. Irki zamanlarda ýaşap geçen adamlaryň ynanan zatlarynyň käbiriniň hakykata laýyk gelmegi bilen yrymlar durmuş ýörelgesine, hatda köp halkyň milli däp-dessurlaryna öwrülipdir. Her bir halkyň özüne mahsus yrym-ynançlary bar. Yrymlar öz dörän döwri bilen, şol döwürlerdäki ynançlar bilen bagly bolup, ylma esaslanmaýar. Hakykata laýyk gelmeýändigine garamazdan bu durmuş ýörelgeleriniň ulanylyşy şu günlerde hem dowam edýär. Geliň, käbir halkda nesilden-nesle geçip gelýän yrymlar bilen tanyş bolalyň!**

**Barmaklaryňy kesişdirmek.** Günbatar Ýewropada orta we süýem barmagyňy gaýçy şekilinde kesişdirmek islendik ýagdaýda şowlulyk getirýär diýen yrym bar. Bu ynanç Ýewropa ýurtlaryna hristianlardan öň, butparazlar döwründe ýaýrap başlapdyr. Ýewropalylar barmaklaryny atanaklaýyn birleşdirmek bilen, kömek ediji güýçleriň şol ýere jemlenýändigine we arzuwlaryň basym amala aşjakdygyna ynanypdyrlar. Yryma ynanýanlar ilkibaşda iki süýem barmagyny atanaklaýyn birleşdiren bolsalar, soňlugy bilen her eliniň orta we süýem barmaklaryny aýratynlykda kesişdirip, üstünlik gazanyp boljakdygyna düşünipdirler. Häzirki wagtda hem dowam edýän bu ynanç, esasan, ýaşlaryň arasynda has ýörgünli ulanylýar.

**Gara pişik.** Esasan, Ýewropa ýurtlarynda ýoň bolan gara pişik meselesi şu günler hem dowam edýär. Aslynda Ýewropada pişik şowlulyk getirýän jandar hasaplanýar. Ýöne yrymçylaryň köpüsi pişigiň gara reňkli bolmagyny garaňkylyk bilen baglanyşdyryp, «erbetlikleriň keşbi» diýip alamatlandyrýar. Gadymy Rimde dörän bu yrymyň düýp manysynda gara pişik erbetlik, betbagtlyk we şowsuzlyk getirýär diýen ynanç bar. Köp ýerde gijesine gara pişik görmek, ýoluňy gara pişigiň kesip geçmegi erbet ýagdaý hasaplanýar.

**Nal asmak.** Gadymy Rimliler atdyr at esbaplarynyň şowlulyk getirýändigine ynanypdyrlar. Şeýlelik bilen olar gapysyndan nal asyp goýupdyrlar. Soňlugy bilen nal asmak däbi Ýewropa



medeniýetine hem aralaşypdyr. Şol döwürler nal erbet güýçlerden goraýan, şol öýe bagt getirýän gymmat bahaly metal hasaplanypdyr. Gapydan, öýüň görnüp duran ýerinden nal asmak däbi häzirki günlerde hem köp halkda dowam edýär.

**Döwlen aýna.** Köp halkda döwlen aýna seretmek betbagtlyk getirýär diýen yrym bar. «Döwülmek» ýakynlaryň haýsydyr birine zyýan ýetjekdigini öňünden habar berýär diýen manyda düşünilýär. Grek mifologiýasyndan gelip çykýan bu ynanja görä, döwlen aýna eýesine 7 ýyl betbagtlyk getirýärmiş. Umuman greklerde hem döwlen aýna seretmek, aýnanyň çat açmagy halanmaýar. Ýewropada bolsa, edil çat açan aýna ýaly, ýerde-de (ýolda, howluda, meýdanda) ýaryklaryň bolmagy we ondan kimdir biriniň basmagy erbetlik getirýär diýen ynanç bar.

**Teňňe.** Teňňäni ýokary oklanyňda ýüz (suratly) tarapyna düşmegi şowlulyk getirýär diýen ynanç bar. Bir işiň şowly ýa-da şowsuz boljakdygyny öňünden kesgitlemäge mümkinçilik berýän teňňe zyňmak yrymy köp halkyň medeniýetine ornaşypdyr. Ýewropalylar ýoldan ýöräp barýarka ýüz tarapyna ýatan teňňe tapsalar, üstünlik gazanjakdygyna, bagtyny tapjakdygyna ynanýarlar. Eger-de sanly tarapyna gaçan teňňe tapsalar, ondan arany açýarlar. Olar teňňäniň sanly tarapyna durmagy şowsuzlyk getirýär diýip düşünýärler.

**Duz oklamak.** Günbatarda iň köp ýaýran yrymlaryň biri hem adamyň egnine duz oklamakdyr. Ýewropalylar duz oklamak bilen şol adamyň egninde oturan erbet güýçleri kowýarys diýip düşünýärler. Bu yryma görä, erbetlikleriň köp bolşy ýaly duz bölejikleriniň hem köpdügi, duz sepmek arkaly erbet güýçleriň gözüniň kör bolýandygy görkezilýär. Leonardo da Winçiniň «Soňky agşam nahary» kartinasynda hem şu ynanja mahsus alamatlar suratlandyrylýar.

**Tagta kakmak.** Yrymlaryň arasynda iň köp ýaýrany tagtany 3 gezek tyrkyldatmak bolup, bu yrym her medeniýetde başgaça ulanylýar. Hindi-ýewropa medeniýetinden gözbaş alýan bu yrymyň aňyrsynda erbet güýçleriň agaçdan ýasalan öý esbaplarynda ýaşaýandygy göz öňünde tutulýar. Haçanda gep-gürrüňiň arasynda, öýde ýekelikde gorkuly ýagdaýa düşen wagtyň tagta 3 gezek kakmak gorkuly güýçleri kowýar diýlip düşünilýär.

# Näme üçin almaly zatlarymyz ýatdan çykýar?

**Öýden çykmankak satyn almak isleýän zatlarymyzyň sanawyny taýýarlamak bazardaky işimizi has aňsatlaşdyrýar. Käte gyssanyp, sanaw ýazmazdan ýa-da ýazan sanawymyzy ýatdan çykaryp gaýtsak, nämeleri almalydygymyz barada köp pikirlenýäris. Öýden gaýtmankak gerek zatlaryň ählisini bilýän hem bolsak, söwda edip başlanymyzda köpüsi ýadymyza düşmeýär. Şeýlelikde, öýe gelenimizde «wiý» diýenimizi duýman galýarys. Eýsem, bu ýagdaý näme bilen baglyka?!**

**Ýatkeşlik.** Almaly zatlaryň esasylarynyň adynyň ýatda saklanyp, beýlekileriniň ýatdan çykmagy, ilki bilen, ýadyň işjeňligi bilen baglydyr. Käbir adam birnäçe zady ýadynda saklap bilýän bolsa, käbir adam bir-iki zatdan artykmajyny ýadyna düşürip bilmeýär. Göz ähli zady görýär, emma görüş duýgusy içinden iň gereklilerini beýnä ýetirýär. Başgaça aýdylanda, gören zatlarymyz gysga möhletli (wagtlaýyn) ýada geçýär. Adatça köp adam bir gezekde diňe 7 sany zady ýatda saklap bilýär. Şol sebäpli hojalyk



üçin zerur bolan serişdeleriň sanawyny düzmek ähli adam üçin iň gowy çykalgadyr.

**Köp zadyň bolmagy.** Bazardyr marketlerde köp harydyň bolmagy, ýagny gözüň köp zada düşmegi almakçy bolýan harydymyzyň ýatdan çykmagyna sebäp bolýar. Görüş arkaly kabul edilen maglumatlar wagt taýdan 15-30 sekunt ýatda saklanýar. Täze zatlary görmek arkaly beýlekiler dura-bara ýatdan çykýar.

**Ünsüň sowulmagy.** Käte pikirdir aladalar bilen, käte bolsa bazardaky ýa-da söwda merkezindäki haýsydyr bir zada ünsüň çekilmegi bilen almaly zatlarymyz ýatdan çykýar. Üns islendik maglumatyň ýatda uzak ýa-da gysga wagtlap saklanmagyna öz täsirini ýetirýär. Sanaw ýazylanda gerek bolan ilkinji zatlaryň atlary ünsli ýazylýar. Şol sebäpli sanawyň başyndaky gerekli harytlaryň ady ýatda uzak wagtlap saklanýar. Gerekli ownuk-uşak zatlara känbir üns berilmeýändigi üçin derrew ýatdan çykýar.

**Ýatdan çykarmazlyk üçin näme etmeli?**

Söwda etmäge iki gezek gidip-gelmezlik üçin ýa-da gerek bolan ownuk-uşak zat sebäpli ýoldan yzyňa gaýtmazlyk üçin öýden çykmankaň sanaw düzmeli. Gerekli zatlary telefonyň belligine hem ýazyp bilersiňiz. Käbir adam ýanynda kagyz götermegi ýa-da telefona seredip söwda etmegi halamaýar. Şeýle ýagdaýda gerekli zatlaryň adyny ýatda saklap, birnäçe gezek gaýtalamaly ýa-da ýadyňa düşer ýaly haýsydyr bir zat bilen baglanyşdyrmaly. Onda näme, söwdaňyz oňuna bolsun! Ýatdan çykan zat ýokdur-da, hernä!

## ÇAGALAR

**Ýolbars 11 metr aralyga böküp bilýär. Bu äpet ýyrtyjy sagatda 80 kilometr tizlikde ylgap bilýär.**

# ŞKAFY NÄHILI TERTIPLEMELI?

**Çaga wagtyňdan başlap ýatýan otagyňy, geýim-gejimleriňdir okuw esbaplaryňy tertipli hem-de arassa saklamagy öwrenmek esasy talaplaryň biri bolup durýar. Esasan hem, egin-eşikleriňi ýerbe-ýer saklamagy endik etmeli. Munuň üçin bolsa, ilki bilen, egin-eşikdir gündelik ulanýan serişdeleriň saklanýan şkafy tertiplemekden başlamaly. Eýsem, zatlaryň ýerbe-ýer durmagy üçin şkafy nähili tertiplemeli?**



Ilki bilen şkafyň içini boşatmaly hem-de ähli ýerini mazaly arassalamaly. Tekjelerden, asgyçlardan başlap, şkafyň gapylaryna we tutawaçlaryna çenli süpürmeli. Soňra egin-eşikleriňi gözden geçirip, geýmejekleriňi bir gyra aýyrmaly. Kiçelen ýa-da reňkini halamaýan geýim-gejimleriňi jigileriňize hem berip bilersiňiz. Soňra egin-eşikleriňi şkafa ýerleşdirmezden ozal, möwsüme görä bölmeli. Mysal üçin, ýazda geýilýän ýeňil eşikleri bir tekjede, gyşyna geýilýän galyň egin-eşikleri başga bir tekjede, köplenç geýmegi halaýan eşikleriňizi bolsa, elýüzräkde ýerleşdirmeli. Eger-de egin-eşikleriňiz şkafa ýerleşmeýän bolsa, möwsüme görä geýýän eşikleriňizi ýerleşdirip, galanyny öýüň ammar otagyna äkitmeli. Şkafy tertipleýän wagtyňyz «Bu-da gerek bolar, muny hem ulanaryn» diýen pikiri kelläňizden çykarmaly. Eger şeýtmeseňiz, artykmaç zatlaryňyzdan dynyp bilmersiňiz. Şeýle hem birnäçe gezek geýlen egin-eşikleri geýilmedik eşiklere goşmaly däl. Ýuwdurylan eginbaşlary ilki ütükläp, soňra bölümlere görä şkafa ýerleşdirmeli.

Şkafy ýerbe-ýer edýän wagtyňyz egin-eşikleri reňkine we görnüşine görä bölmeli. Käwagt geýýän eginbaşlaryňyzy aýratyn tekjede goýmaly. Köýnekleriň, ütüklenen egin-eşikleriň hersini aýratynlykda asgyja ildirip, şkafa ýerleşdirmeli. Şeýlelik bilen, şahsy zatlaryňyz göze has-da ýakymly görner. Şaý-seplerdir, saça ideg edilýän serişdeleri, kosmetik önümleri ýörite gutujyklara salyp, şkafyň kiçijik çekmelerine goýmaly. Jorapdyr beýleki ownuk-uşak serişdeleri hem beýleki kiçijik çekmelere ýerleşdirmeli. Geýmeýän aýakgaplaryňyzy hem öz gutularyna salyp, möwsüme görä toparlap, aşaky çekmelere salmaly. Okuw esbaplarydyr, beýleki serişdeleri geýim-gejim saklanýan şkafa salmakdan saklanmaly. Okuw esbaplaryny öý işini ýerine ýetirýän stoluňyzda tertipläp goýmaly. Umuman, şkafy hepdede, azyndan her aý tertipläp durmak şahsy arassaçylyk üçin derwaýysdyr. Öýüň, şkafyň tertipli durmagy hem medeniýetiň, hem-de siziň arassaçylyk düzgünlerini berjaý edýändigiňiziň nyşanydyr.



# Çagalara şatlyk paýlaýan gahryman

Ýüz keşbi, egin-eşigi, adaty däl hereketleri bilen köpçüligiň ünsüni çekýän masgarabazlar çagalaryň doglan gününe, dabaralara şatlyk paýlaýan gahryman hökmünde tanalýar. Masgarabazlar 200 ýyldan gowrak wagt bäri edebi eserlerde, teatrlarda hem-de filmlerde täsin keşpleri ýerine ýetirýärler. «Masgarabaz» adalgasy ilkinji gezek 1560-njy ýyllarda ýüze çykýar. Şol ýyllarda aktýorlar ak farfor palçygy ýüzüne çalyp, tomaşaçylary güldüripdirler. Köp dilde ýörgünli bolan «kloun» sözüniň islandlaryň «klunni» sözünden gelip çykandygy bellenilýär.

1947-nji ýylda masgarabazlaryň halkara birleşmesi döredilýär. Maglumatlara görä, ilkinji meşhur masgarabaz Jozef Grimaldi hasaplanýar. Ol 1802-nji ýylda Angliýada «Joý» ady bilen sahnada çykyş edýär. Degişmeleri hem-de gülkünç hereketleri ýerine ýetiren Grimaldi ýüz boýaglary, geýen eşigi bilen tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekýär. Şondan soňra teatr artistleriniň arasynda ýaňagyňy gyzyl, saçyňy älemgoşar ýaly reňklemek, burnuňa ullakan şar geýmek, agzyňy reňklemek hem-de dürli reňkli eşikleri geýmek ýörgünli bolup başlaýar.

Masgarabazlar diňe bir sahnada çykyş etmän, eýsem, çeper eserlerde, filmlerde hem gülkünç we gorkunç keşpleri janlandyrýarlar. Muňa mysal edip, Stiwen Kingiň «IT» romanyndaky «Pennywise» atly gahrymany görkezmek bolar. Çarli Çapliniň «kiçijik sergezdan» keşbi arkaly kinofilmlerde täze bir obraz döreýär. Ol geýnişi, aýak we ýüz hereketleri bilen tomaşaçylarda uly täsir galdyrýar. Häzirki zaman masgarabazlarynyň däp bolan ýörelgeleri geçen asyryň meşhur teatr şüweleňlerinden (Variete) gözbaş alýar.

# Ýolbarslar barada

**Ertekilerde «tokaýyň şasy» hökmünde suratlandyrylýan ýolbars äpet we eýmençdigine garamazdan, köp kişiniň iň eý görýän jandarlarynyň biridir. Ýyl-ýyldan sany azalýan bu ýyrtyjylaryň sanynyň häzirki wagtda 40 müň töweregidigi çaklanylýar. Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan goralýan ýolbarslaryň esasy bölegi Afrikadyr Aziýada ýaşap, Ýewropanyň käbir sebitlerinde hem duş gelýär. Her ýylyň 10-njy awgustynda Bütindünýä ýolbars güni bellenilip geçilýär.**

**GYZYKLY MAGLUMATLAR:**

☑ «Tokaýyň şasy» diýilýändigine garamazdan ýolbarslar tokaýda däl-de, sähralarda, sawannalarda we düzlüklerde ýaşaýarlar.

☑ Ýolbars 11 metr aralyga böküp bilýär. Bu äpet ýyrtyjy sagatda 80 kilometr tizlikde ylgap bilýär.

☑ Afrikaly ýolbarslar maşgala toparyny berk saklaýarlar. Bularyň her toparynda maşgalany dolandyryjydan başlap, aw edijiler we çaga ýolbarslara çenli 15 töweregi agzasy bar.

☑ Ýolbarslar Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşigi tarapyndan ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň sanawyna girizildi. Häzirki wagtda bu äpet ýyrtyjylaryň ýaşaýan ýeri azalyp, iýmit tapmagy barha kynlaşýar.

☑ Aziýada we Ýewropanyň käbir sebitinde duş gelýän ýolbarslaryň ählisiniň asly afrikaly bolup, Hindistanyň demirgazyk-günbataryndaky Sasan-Gir milli seýilgähinde 400 töweregi ýolbars ýaşaýar. Ýolbarslaryň esasy bölegi Afrikanyň demirgazygynda, Saharanyň günortasynda duş gelýär.

☑ Ýolbarsyň tüýüniň reňki näçe ýaşyndadygyny görkezýär. Ýolbarsyň erkegi garradygyça, boýnundaky tüýi hem garalyp ugraýar.

☑ Adatça ýolbarslaryň köpelýän jynsy aw awlaýar, erkegi bolsa süriniň ýaşaýan ýerini goraýar. Şeýle-de bolsa, awlanyp getirilen oljany ilki bilen erkek ýolbars iýýär.

☑ Ýolbarslaryň 1 metrlik guýrugyny hasaba almasaň, göwresiniň uzynlygy 2 metre çenli ýetýär.

☑ Ýolbarsyň arlaýan sesini 8 kilometr uzaklykdan eşidip bolýar.

☑ Agramy 250 kilograma ýetýändigine garamazdan, ýolbarslar ýörände topugy ýere degmeýär.

☑ Erkek ýolbarslar ýatmagy gowy görýärler. Ýolbarslar her gün 20 sagada çenli uklap bilýärler.

**Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!**



**Labirint**



**7 tapawudy tapyň!**







# Pariž 2024 — XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlary tamamlandy

## 19-njy gezek birinji orny eýeledi

● Şowhunly dabara bilen tamamlanan Pariž 2024 tomusky Olimpiýa oýunlarynda medal sanawynda birinjilik ugrunda ýiti göreş soňky sport ýaryşy tamamlanýança dowam etdi. ABŞ bilen Hytaýyň arasyndaky bu göreşde amerikanlar bir basgançak öňe saýlandylar. Zenanlaryň arasyndaky basketbol ýaryşynda gazanylan altyn medal amerikanlaryň 40-njy altyn medaly boldy. Olar 40 altyn medally hytaýlylardan kümüşde öňe saýlanyp, medal sanawyny 1-nji orunda tamamladylar. ABŞ-nyň ýygyndysy bassyr 4-nji, soňky 7 Olimpiadada 6-njy, umumylykda 19-njy gezek medal sanawyny çür depede tamamlamagy başardy. ABŞ-nyň ýygyndysy Pariž 2024-de 40 altyn, 44 kümüş, 42 bürünç, jemi 126 medal gazandy. Olar Tokiodakydan 1 altyn, 3 kümüş, 9 bürünç medal köp aldylar.



Taryhynda 2-nji gezek medal sanawyny birinji orunda tamamlamaga golaý gelen hytaýly olimpiýaçylar bassyr 2-nji gezek 2-nji ýeri eýelediler. ABŞ bilen altyn medallary deň bolan Hytaý kümüş we bürünç medallarda garşydaşyndan ep-esli yza galdy. 27 kümüş, 24 bürünç medal gazanan hytaýlylar 91 medal bilen Parižden dolandylar. Hytaý 2008-nji ýylda Pekin Olimpiadasynda medal sanawyny iň ýokarda tamamlapdy.

Soňky 3 günde 7 altyn medal gazanan Ýaponiýa sanawda 3-nji orny eýeledi. Olar 20 altyn, 12 kümüş, 13 bürünç, jemi 45 medal gazandylar. Awstraliýadan gelenler 18 altyn, 19 kümüş, 16 bürünç, jemi 53 medal bilen 4-nji orna mynasyp boldy.

Ýer eýeleri fransuzlaryň soňky 2 günde 8 altyn medal gazanmak mümkinçilikleri bardy. Ýöne diňe 2-sinde altyna ýeten fransuzlar galan 6-synda münberiň 2-nji basgançagyna çykdylar. Olar umumylykda 16 altyn, 26 kümüş, 22 bürünç, jemi 64 medal bilen özlerinde 3-nji gezek geçirilen Olimpiýa oýunlaryny 5-nji orunda tamamladylar. Olar 1900-nji ýylda Parižde geçirilen Olimpiadada 1-nji orny eýeläpdiler.

Soňky günlerde hasam tijenen Niderlandlar 15 altyn medal gazanyp, 6-njy, 14 altyny bolan Beýik Britaniýanyň türgenleri 7-nji, 13 altyn medally Günorta Koreýa 8-nji, 12 altyn, 13 kümüş medally Italiýa (15) bilen Germaniýa (8) bürünç medal aratapawudy bilen 9-10-njy orunlary eýelediler.

### 92 ýurt medal gazandy

● Jemi 64 ýurduň wekili (arasynda Bitarap toparyň türgenleri hem bar) azyndan 1 altyn medal gazandy. Altyn medalsyz kümüş ýa-da bürünç medal gazanan ýurtlaryň sany 15 bolup, 13 ýurt (arasynda Bosgunlar Olimpiýa topary hem bar) bolsa diňe bürünç medala eýelik etdi. Pariž 2024-de jemi 92 ýurduň türgeni azyndan 1 medal gazanmagy başardy.

### Ilkinji Olimpiýa medalyny alan ýurtlar

● Albaniýa, Kabo Werde, Dominika hem-de Sent Lýusiýa taryhlarynda ilkinji gezek Olimpiýa medalyny gazanyp, medalsyz ýurtlaryň sanawyndan çykdy. Şeýle-de, Bosgunlar Olimpiýa topary-da ilkinji medalyny gazandy. Botswana, Dominika, Gwatemala hem-de Sent Lýusiýa ýurtlary Olimpiýa oýunlaryndaky ilkinji altyn medallaryny aldylar.

### Iň köp medal gazanan türgenler

● Hytaýly ýüzüji Çžan Ýuýfeý Pariž 2024-iň iň köp medally türgeni boldy. 26 ýaşyndaky ýüzüji 6 medal gazandy, ýöne olaryň hiç biri-de altyn bolman, ol 1 kümüş, 5 bürünç medala eýelik etdi. 2 altyn medaly bolan türgeniň umumylykda 10 Olimpiýa medaly bar. Pariž 2024-iň iň köp altyn medally türgeni, XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynyň ýyldyzy, fransiýaly ýüzüji Leon Marşan bolup, ol 4 altyn medal gazanmagy başardy. Ol 4 altyn medalyny-da Olimpiýa rekordyny täzeläp almagyň hötdesinden geldi. Marşan toparlaýyn ýaryşda bürünç medal hem gazanyp, Pariž 2024-i jemi 5 medal bilen tamamlady.

Pariž 2024 Olimpiadasynda 206 wekiliýetiň (204-si ýurt, 2-si umumy topar) adyndan jemi 10714 türgen çykyş edip, olar sportuň 32 görnüşiniň 48 ugry boýunça özara bäsleşdiler. Jemi 329 altyn, 330 kümüş, 385 bürünç, jemi 1044 medal gowşuryldy.

## ÝEŇIL ATLETIKA

Ýeňil atletika ýaryşlaryndaky 48 altyn medalyň 14-sini amerikanlar gazandy. Keniýalylar 4, kanadaly ýeňil atletikaçylar 3 altyn medala eýelik etdiler. 2 dünýä rekordy, 10 Olimpiýa rekordy, 12 yklym rekordy täzelendi.

### Ýurdunyň ilkinji altyn medaly

● Erkekleriň arasynda 200 metr ylgawda botswanaly Letsile Tebogo yklymyň rekordyny täzeläp (19,46 sekunt), ýurduna Olimpiýa oýunlarynyň taryhyndaky ilkinji altyn medalyny gazandyrdy. Amerikaly Kennet Bednarek bilen Noa Laýlz 2–3-nji orunlary eýelediler. 800 metre ylgamakda bassyr 5-nji gezek keniýaly türgenler ýeňiş gazanyp, Emmanuel Wanýoni altyn, kanadaly Marko Arop kümüş, alžirli Džamel Sedžati bürünç medala mynasyp boldy. 5000 metr ylgawda norwegiýaly Ýakob Ingebrigtsen altyn, keniýaly Ronald Kwemoi kümüş, amerikaly Grant Fişer bürünç medal gazandy. Päsgelçilikli 110 metr ylgawda amerikaly Grant Holloweý 12 ýyldan soň altyn medaly ýurduna gazandyrdy. Ol watandaşy Daniel Robertsden hem-de ýamaýkaly Raşid Brodbellden öňe saýlandy. Päsgelçilikli 400 metr ylgawda-da altyn medaly amerikanlar alyp, Raý Benžamin soňky çempion Karsten Warholmdan hem-de braziliýaly Alison dos Santosdan öň pellehana geldi. 4x100 metr estafeta ylgawynda 2000-nji ýyldan bäri amerikanlara çempionlyk gazanmak başardanok. Bu gezek kanadalylar 28 ýyldan soň altyn medala mynasyp boldy. Günorta afrikalylar yklym rekordy bilen 2-nji, britaniýalylar bolsa 3-nji orny eýeledi.



Letsile Tebogo



Tamirat Tola



Sifan Hassan

### Marafonda Olimpiýa rekordy täzelendi

● 4x400 metr estafeta ylgawynda amerikaly türgenler bassyr 3-nji, umumylykda 20-nji gezek altyn medala mynasyp boldular. Olar 2 minut 54,43 sekunt görkeziji bilen Olimpiýa rekordyny täzeläp, yklym rekordlaryny goýan botswanalylardan hem-de britaniýalylardan öňe çykdy. Marafon ylgawynda 42,195 kilometr aralygy ilkinji bolup efiopiýaly Tamirat Tola tamamlady. Ol 2 sagat 6 minut 26 sekuntda pellehana gelip, 16 ýyllyk Olimpiýa rekordyny täzeledi. Belgiýaly Başir Abdi kümüş, keniýaly Benson Kiprota bürünç medal gazandy.

Beýikligine bökmekde Täze zelandiýaly Hariş Kerr 2,36 metre böküp, bu ugurda ýurduna ilkinji altyn medalyny gazandyrdy. Amerikaly Şelbi MakEwen kümüş, Tokio 2020-niň çempionlaryndan katarly Mutaz Barşam bürünç medala mynasyp boldy. Üçürdikläp bökmekde ispaniýaly Hordan Diaz ýurdunyň adyndan bu ugurda ilkinji çempionlyk gazanan türgen hökmünde hasaba alyndy. Tokio 2020-niň çempiony portugaliýaly Pedro Pikardo kümüş, italiýaly Endi Diaz bürünç medal gazandy. Naýza zyňmakda pakistanly Arşad Nadim 92,97 metrlik görkeziji bilen 28 ýyllyk Olimpiýa rekordyny täzeledi. Bu Pakistanyň 40 ýyldan soň gazanan ilkinji altyn medaly, şol sanda 32 ýyldan soň gazanan ilkinji Olimpiýa medaly boldy. Tokio 2020-niň çempiony hindistanly Niraj Çopra kümüş, grenadaly Anderson Peters bürünç medal gazandy.



Beatris Çebet

### Çebet 3-nji zenan türgen

● Zenanlaryň arasynda 400 metre ylgamakda Dominikan Respublikasyndan Marileýdi Paulinio Olimpiýa rekordyny täzeläp (48,17 sekunt), altyn medala mynasyp boldy. Ol Tokioda kümüş medal gazanypdy. Bahreýnli Salwa Eid Naser kümüş, polşaly Natalia Kaçmarek bürünç medala eýelik etdi.

1500 metr ylgawda keniýaly Feýt Kipýegon Olimpiýa rekordyny goýup (3:51,29 minut), bassyr 3-nji altyn medalyny boýnuna dakdy. Ol bu ugurda 3 altyn medal gazanan ilkinji türgen boldy. Awstraliýaly Jessika Hall 2-nji, britaniýaly Jorjia Bell 3-nji orny eýeledi. 10000 metre ylgamakda keniýaly Beatris Çebet altyn medal gazandy. Ol 5000 metr ylgawda-da çempion bolupdy. Ol bu ikisi ýaryşy bir Olimpiadada birinjilik bilen tamamlan 3-nji zenan hökmünde hasaba alyndy. Italiýaly Nadýa Battokletti 2-nji, niderland Sifan Hassan 3-nji orny eýeledi. Hassan 5000 metr ylgawda-da bürünç medal gazanypdy.



Feýt Kipýegon



Sidni Maklaflin-Lewron

### Öz rekordyny täzeledi

● Olimpiýa oýunlarynyň iň soňky güni geçirilen zenanlaryň arasyndaky marafon ylgawynda niderlan Sifan Hassan 2 sagat 22 minut 55 sekuntda pellehana gelip, 12 ýyllyk Olimpiýa rekordyny täzeledi. Efiopiýaly Tigst Assefa 2-nji, Keniýaly Hellen Obiri 3-nji orna mynasyp boldy. Päsgelçilik 100 metr ylgawda amerikaly Masai Rassel altyn, fransiýaly Sirena Samba-Maýela kümüş, Puerto rikoly Jasmin Kamaço-Kuinn bürünç medal gazandy. Päsgelçilik 400 metr ylgawda amerikaly Sidni Maklaflin-Lewron 50,37 sekunt bilen özüne degişli dünýä rekordyny täzeledi. Bu onuň bassyr 2-nji altyn medalydyr. Watandaşy Anna Kokrell kümüş, niderland Femke Bol bürünç medala mynasyp boldy.

Toparlaýyn 4x100 metr estafeta ylgawynda amerikalylar soňky 4 Olimpiadada 3-nji gezek çempionlyk gazandylar. Britanlar 2-nji, nemesler 3-nji orny eýeledi. 4x400 metr estafeta ylgawynda-da amerikanlara taý tapylmady. Maklaflin, Tomas ýaly ylgaýjylaryň gatnaşan ýaryşynda amerikanlar Amerika yklymynyň rekordyny täzeläp, bassyr 8-nji altyn medallaryny gazandylar. Niderlandlar 2-nji, britanlar 3-nji orna mynasyp boldy.

### Ýene-de Tiama taý tapylmady

● Uzynlygyna bökmekde amerikaly Tara Dewis-Wudholl altyn, Tokio 2020-niň çempiony germaniýaly Malaika Mihambo kümüş, amerikaly Jasmin Mur bürünç medal gazandy. Gülle iteklemekde Täze zelandiýaly Maddisşon-Li Weşden (kümüş) hem-de hytaýly Sun Szýaýuandan (bürünç) öňe saýlanan germaniýaly Ýemisi Ogunleýe altyn medala mynasyp boldy. Naýza zyňmakda Haruka Kitaguçi bu ugurda ilkinji altyn medal alan ýaponiýaly ýeňil atletikaçy hökmünde hasaba alyndy. Günorta afrikaly Ýo-An wan Dik kümüş, çehiýaly Nikola Ogrodnikowa bürünç medal gazandy. Heptatlon (7 görnüşli) ýaryşynda ýene-de belgiýaly Nafissatu Tiam münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Ol Rio 2016-dan bäri 3-nji Olimpiýa altyn medalyny gazandy. Britaniýaly Katarina Jonson-Tompson kümüş, başga bir belgiýaly Nur Widts bürünç medala mynasyp boldy.

## GOLF



Lidia Ko

Golf boýunça zenanlaryň arasynda Täze Zelandiýanyň adyndan wekilçilik eden Lidia Ko altyn medala mynasyp boldy. Ol Tokioda bürünç medal gazanypdy. Germaniýaly Ester Henseleit kümüş, hytaýly Liu Şiýu bürünç medalyň eýesi boldy.

## BREÝK-DANS

Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasynda ilkinji gezek orun alan breýk-dans boýunça erkekleriň arasynda kanadaly Filip Kim altyn, fransiýaly Dani Siwil kümüş, amerikaly Wiktor Montalwo bürünç medal gazandy. Zenanlardan ýaponiýaly Ami Ýuasa altyn, litwaly Dominika Banewiç kümüş, hytaýly Lýu Sinýi bürünç medala mynasyp boldy.

## ÝELKENLI GÄMI

Sportuň özboluşly görnüşi bolan ýelkenli gämi ýaryşlarynda 10 altyn medal paýlanyp, Niderlandlar, Italiýa hem-de Awstriýa ýurtlarynyň türgenleri 2 altyn medal gazanmagy başardy. Erkekleriň arasyndaky laser ugry boýunça awstraliýaly Mattýuw Wern bassyr 2-nji altyn medalyny gazandy. 49er görnüşinde ispaniýalylar öňe saýlandy. Zenanlaryň arasynda bu 2 ugurda-da niderlandlara taý tapylmady. Laser ýaryşynda Niderlandlardan Marit Bouwmester Riodan soň Parižde-de ýeňiş gazandy. Tokio 2020-niň çempiony daniýaly Ann-Mari Rindom kümüş medala mynasyp boldy.






## 42-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Töwella edýän adam. **2.** Agramy 0,75 grama deň bolan kümüş pul. **3.** Uzynlyk ölçeg birligi. **4.** Dermanlyk ösümlik. **6.** Tahallus. **8.** «Garly gün ..., ýagyşly gün ýarma» (atalar sözi). **12.** Sakyrtga, mütrük. **15.** Maldarçylyk bilen meşgul bolup, göçüp–gonup ýören hojalyk. **16.** Üç aýdan ybarat bolan wagt, döwür. **17.** «... edeliň bu jahana, /Jahanda näler görüner» (Magtymguly Pyragy). **18.** Ekin başynda çöp-çalamdan edilýän küme. **24.** Biriniň hususy hojalygynda zähmet çekýän adam. **25.** Türkmen zenanlarynyň börüginiň maňlaýyna dakynýan kümüş şaýy. **27.** Trigonometrik aňlatma. **30.** Hamyry aldyrylman bişirilýän çörek. **31.** «Bagdatda nar bişse, Tebrizde ..., /Hyrat dek hiç ýeriň pissesi bolmaz» (Magtymguly Pyragy). **35.** Müsüriň paýtagty. **36.** Tebigy howp, betbagtlyk.

● **KESELIGINE:** **1.** Aw guşy. **3.** Rus gyzynyň ady. **5.** Gyrgyzystanyň futbol topary. **7.** Ýeriň suwarylyp, sürüme taýýar bolan ýzgarlylyk ýagdaýy. **9.** Uçarlary herekete getirýän çarh şekilli enjam. **10.** Türkmen serdarlarynyň biri. **11.** Tahýanyň depesine salynýan nagyş. **13.** Aşyk oýnunyň bir görnüşi. **14.** Garyndaşlygy aňladýan söz. **16.** Çüýşeli çyranyň elde göterilýän görnüşi. **19.** Özbegistanda gadymy şäher. **20.** Bir zat hakynda hat üsti bilen edilýän haýyşnama. **21.** Dogry, çyn. **22.** «Meňli hanym golun dişläp, /Bizden ki ... eýleýir» (Magtymguly Pyragy). **23.** Keýik, jeren, maral (köne söz ). **26.** Tikin maşynlarynda aşaky sapagyň ýerleşýän ýeri. **28.** Gyzyl reňkli gymmatbaha daş. **29.** Agyry. **32.** Çakdanaşa. **33.** Harby dereje. **34.** «Alty aga birigip, ... bolmaz, ýedi ýeňňe birigip–ene» (nakyl). **37.** Metallary ýiteltmek, ýylmamak üçin ulanylýan polat gural. **38.** Derýanyň özünden aýrylyp, ýene şoňa goşulýan ýoly. **39.** Oglanlaryň tegelejik gurşuny ýüňi seçelenip duran deri bölejiginiň aşagyna berkidip oýnaýan oýny. **40.** Ýokary okuw jaýynyň ýolbaşçysy. **41.** Şygyr düzmegiň bir täri.

40-njy krosswordyň jogaby:



41-nji krosswordyň jogaby:



**Akmyrat REJEPGULYÝEW,**
*Ýolöten etrabyndaky 44-nji orta mekdebiň mugallymy, ylym-bilim işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň işjeň agzasy.*

## AGYR ATLETIKA

**Agyr atletika boýunça jemi 10 altyn medal gowşuryldy. Şolaryň deň ýarysyny hytaýlylar gazanmagy başardy. 1 dünýä rekordy, 3 Olimpiýa rekordy täzelendi.**

Erkekleriň arasynda 61 kg agramda hytaýly Li Fabin bassyr 2-nji altyn medalyny gazandy. Ol 143+167, jemi 310 kg agramy galdyrdy. Tailandly Thirapong Silaçaý kümüş, amerikaly Hempton Morris bürünç medaly eýeledi. 73 kg agramda indoneziýaly Rizki Juniansia jemi 354 kg (155+199) agyrlygy göterip, onuň itekläp götermekde görkezen netijesi (199 kg) Olimpiýa rekordyna deň boldy. 89 kg agramda bolgariýaly Karlos Nasar birbada götermekde 180, itekläp götermekde-de 224, jemi 404 kg agramy galdyrdy. Onuň itekläp götermekde hem-de umumy agramy Dünýä hem-de Olimpiýa rekordlary hökmünde hasaba alyndy. 102 kg agramda hytaýly Lýu Huanhua şu agramda ýurduna ilkinji altyn medaly gazandyrdy. Ol umumylykda 406 (186+220) kg agramy galdyryp, Tokio 2020-niň çempiony, özbegistanly Akbar Juraýewi hem-de Bitarap türgenler toparynyň wekili, belarusly Ýewgeniý Tihonsowy yzda galdyrdy.


Laşa Talahadze

102 kg agramdan ýokary bolanlaryň arasynda gruziýaly Laşa Talahadze bu gezek rekord goýmasa-da, bassyr 3-nji gezek Olimpiýa oýunlarynyň çempionlygyny gazandy. Dünýä rekordy-da (492 kg), Olimpiýa rekordy-da (488 kg) özüne degişli bolan 30 ýaşyndaky Laşa Talahadze 470 kg (215+255) agramy galdyryp, agyr agramda yzly-yzyna 3 altyn medal alan ilkinji ştangaçy hökmünde hasaba alyndy. Ermenistanly Warazdat Lalaýan kümüş, asly ermeni bolan bahreýnli Gor Minasýan bürünç medala mynasyp boldy.

Zenanlaryň arasynda 48 kg agramda hytaýly Hou Çžihueý bassyr 2-nji altyn medalyny gazandy. Ol jemi 206 kg agramy galdyryp, onuň itekläp götermekde görkezen netijesi (117 kg) Olimpiýa rekordyna deň boldy. 59 kg agramda hytaýly Lo Şifan altyn medalynyň üstüni Olimpiýa rekordy bilen ýetirdi. Ol birbada 107, itekläp götermekde-de 134, jemi 241 kg agramy galdyryp, onuň bu 3 görkezijisi-de Olimpiýa rekordyna deň boldy. 71 kg agramda amerikaly Oliwiýa Riwz altyn, kolumbiýaly Mari Sançes kümüş, ekwadorly Anji Palasios bürünç medal aldy. 81 kg agramda asly Finlýandiýadan bolan norwegiýaly Sofrid Koanda 275 kg (121+154) agramy galdyryp, agyr atletikada norweglere 52 ýyldan soň ilkinji altyn medalyny gazandyrdy. Onuň itekläp götermekde hem-de umumy galdyran agramy Olimpiýa rekordyna deň boldy. Müsürli Sara Ahmed kümüş, Tokioda 76 kg agramda altyn medal alan ekwadorly Neis Dahomes bürünç medala eýelik etdi. 81 kg agramdan ýokary bolan türgenleriň ýaryşynda Tokiodan soň Parižde-de hytaýly Li Wenwen altyn medal gazanmagy başardy.

## WOLEÝBOL




Woleýbol boýunça zenanlaryň arasynda täze çempion peýda bolup, Italiýanyň ýygyndysy finalda ABŞ-ny 3:0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Olimpiýa oýunlarynyň taryhynda woleýbolda erkekdir zenanlaryň arasynda ilkinji gezek Italiýa altyn medala mynasyp boldy. Zenanlaryň arasynda Italiýa öňki SSSR-den soň altyn medal gazanan ilkinji Ýewropa ýurdy hökmünde hasaba alyndy. Türkiýäni 3-1 hasabynda utan braziliýaly zenanlar 3-nji bürünç medallaryny boýunlaryna dakdylar.

Erkekleriň arasynda Fransiýanyň ýygyndysy bassyr 2-nji çempionlygyny gazanyp, olar bu gezek finalda Polşany 3:0 hasabynda ýeňdi. Bürünç medal ugrundaky duşuşykda ABŞ bilen Italiýa duşuşyp, ýeňiş amerikanlaryň tarapynda boldy. 3:0 hasabynda ýeňiş gazanan ABŞ 3-nji gezek bürünç medaly eýeledi.

Kenarýaka woleýboly boýunça erkekleriň arasynda şwesiýaly Dewid Ahman bilen Jonatan Helwig altyn medala mynasyp boldy. Bu şwedleriň ilkinji medaly bolup, germaniýalylar kümüş, norwegiýalylar bürünç medal gazandylar. Zenanlaryň arasynda braziliýaly Ana Patrisia Ramos bilen Duda Lisboa altyn medala mynasyp boldy. Braziliýalylar 1996-njy ýyldan soň ilkinji gezek ýeňiş münberiniň iň ýokary basgançagyna çykdy. Kanada 2-nji, Şweýsariýa 3-nji orny eýeledi.

## WOTERPOL

Woterpol boýunça erkekleriň arasynda çekeleşikli geçen oýunda horwatlary 13:11 hasabynda ýeňen serbler bassyr 3-nji altyn medalyny gazandy. Bu olaryň umumylykda 6-njy altyn medaly boldy. 2012-nji ýylyň çempiony Horwatiýa 3-nji gezek finalda utuldy. 9 çempionlygy bolan wengerleri 11:8 hasabynda ýeňen amerikanlar 5-nji sapar bürünç medal gazandy.



Zenanlaryň arasyndaky finalda Awstraliýany 11:9 hasabynda ýeňen ispanlar ilkinji gezek altyn medala mynasyp boldy. Olar Londonda hem-de Tokioda kümüş medal alypdylar. Bürünç medal ugrundaky oýunda Niderlandlar ABŞ-ny 11:10 hasap bilen ýeňip, ilkinji gezek 3-nji orna mynasyp boldy.

## SINHRONLAÝYN ÝÜZMEK

Suwda sinhronlaýyn ýüzmek boýunça toparlaýyn ýaryşda hytaýly gyzlar ilkinji Olimpiýa çempionlygyny gazandy. Olar soňky 4 Olimpiadada ýeňiş münberine çykyp, Pekinde bürünç, ondan bäri bolsa kümüş medal gazanyp gelýärdi. Bu ugruň iň öňdebaryjysy Russiýa 1996-njy ýylda maksatnama girizilen toparlaýyn ýaryşda 5 gezek çempionlyk gazanypdy. Ilkinji gezekde ABŞ-nyň ýygyndysy altyn medaly eýeläpdi. Parižde Hytaýdan soň ABŞ 2-nji, Ispaniýa 3-nji orny eýeledi. Duet ýaryşynda-da hytaýly gyzlara taý tapylmady. Wan Liýuýi bilen Wan Sianýiý altyn medala mynasyp bolup, bu Hytaýyň şu ugurdaky ilkinji altyn medaly boldy. 2000-nji ýyldan soň ilkinji gezek medaly ruslardan başga türgenler eýeläp, britaniýalylar kümüş, niderlandlar bürünç medal gazandy. Britanlaram, niderlandlaram suwda sinhronlaýyn ýüzmekde ilkinji medallaryna mynasyp boldular.

## GANDBOL

Gandbol boýunça ýaryşlarda Skandinaw ýurtlary çempion boldy. Erkekleriň arasynda Fransiýanyň ýygyndysy finalda Germaniýany 39:26 hasabynda ýeňip, 8 ýyldan soň 2-nji çempionlygyny baýram etdi. Bürünç medala ýene-de Ispaniýa mynasyp bolup, Sloweniýadan üstün çykan (23:22) matadorlar yzly-yzyna 2-nji, soňky 8 Olimpiadada bolsa 5-nji gezek 3-nji orny eýeledi.

Zenanlaryň arasynda Norwegiýanyň ýygyndysy finalda Fransiýany 29:21 hasabynda utup, 12 ýyldan soň 3-nji çempionlygyny baýram etdi. Şwesiýany 30:25 hasap bilen ýeňen Daniýa ilkinji gezek bürünç medala mynasyp boldy.

## GÖREŞ


Ýuka Kagami

**Göreş boýunça (grek-rim, erkin, zenanlar) gowşurylan 18 altyn medalyň 8-sini ýaponlar gazandy. Şolaryň 4-sini ýaponiýaly zenanlar almagy başardy.**

Grek-rim göreşinde erkekleriň arasynda 67 kg agram derejesinde ukrainaly Parwiz Nasibow bu sapar hem eýranly türgenden asgyn geldi. Bu gezek Saeid Esmaeiliden ýeňlen Nasibow Tokioda başga bir eýranly Mohammed Reza Geraeiden utulypdy. 87 kg agram derejesinde bolgariýaly Semen Nowikow çempion bolup, ol finalda Alireza Mohamedini ýeňlişe sezewar etdi. Bu agram derejesinde Tokio 2020-niň çempiony, ukrainaly Žan Belenýuk Parižde bürünç medal bilen oňňut etmeli boldy.

Erkin göreşde 57 kg hem-de 65 kg agram derejelerinde altyn medallary ýaponiýaly pälwanlar, degişlilikde Rei Higuçi bilen Kotara Kiýooka eýeledi. 74 kg agram derejesinde bolsa finalda ýaponiýaly Daiçi Takatanini ýeňen özbegistanly Razambek Žamalow altyn medal gazandy. 86 kg we 97 kg agram derejelerinde asly russiýaly pälwanlar – bolgariýaly Magomed Ramazanow hem-de bahreýnli Ahmed Tažudinow altyn medala mynasyp boldy. 125 kg agram derejesinde gruziýaly Geno Petraişwili finalda eýranly Amir Hossein Zareni ýeňip, münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy.

Zenanlaryň arasyndaky erkin göreş ýaryşlarynda 6 agram derejesi boýunça ýeňijiler kesgitlenip, altyn medallaryň 4-sini ýaponlar, galan 2-sini (50 kg we 68 kg agram derejelerinde) bolsa amerikanlar gazandy. Ýaponiýaly zenanlardan Akari Fužinami (53 kg), Tsugumi Sakurai (57 kg), Sakura Motoki (62 kg) hem-de Ýuka Kagami (76 kg) altyn medala mynasyp boldular.

Göreş ýaryşlarynda Hytaýdan hem-de Gyrgyzystandan gatnaşan pälwanlar altyn medalsyz 5 medal gazandylar. Olaryň hersi 1 kümüş, 4 bürünç medala eýelik etdiler.

## OT HOKKEÝI



**Ot hokkeýi boýunça erkekleriň arasynda-da, zenanlaryň arasynda-da Niderlandlar çempion boldy.**

Erkekleriň arasyndaky finalda Niderlandlar esasy wagty 1–1 tamamlanan duşuşykda penalti urgulary esasynda Germaniýadan üstün çykdy (3–1). Niderlandlaryň ýygyndysy 1996-njy we 2000-nji ýyllardan soň 3-nji gezek Olimpiýa çempiony boldy. Bürünç medaly Tokiodaky ýaly Hindistanyň ýygyndysy eýelemegi başardy. Olimpiýa oýunlarynyň iň köp çempion bolan topary Hindistan bu ugurda Ispaniýany 2-1 hasabynda ýeňdi.

Zenanlaryň arasyndaky finalda-da ýeňiji penaltileriň netijesinde belli bolup, Niderlandlar Hytaýy esasy wagty deňlikde (1-1) gutaran duşuşykdan soň 3-1 hasabynda utdy. Şeýlelikde, Niderlandlaryň ýygyndysy bassyr 2-nji, soňky 5 ýaryşda 4-nji çempionlygyny baýram etdi. Bu olaryň 5-nji çempionlygydyr. Hytaýly hokkeýçiler Pekinde-de finalda Niderlandlardan asgyn gelipdi. Bürünç medaly Tokio 2020-niň finalçysy Argentina gazanyp, Günorta Amerikanyň wekili bu ugurda Belgiýadan üstün çykdy (2-2, 3-1 p).

## BOKS


Bahodir Jalolow

Boks boýunça jemi 13 agram derejesinde ýaryşlar geçirildi. Erkekleriň arasyndaky 7 ýaryşyň 5-sinde özbegistanly boksçular altyn medala mynasyp boldular. Hasanboý Dusmatow (51 kg), Abdulmalik Halokow (57 kg), Asadhuja Muýdinhujaýew (71 kg), Lazizbek Mullojonow (92 kg) hem-de Bahodir Jalolow (92 kg+) altyn medal gazandylar. Bahodir Jalolow Tokioda-da ýeňiji bolupdy. 63,5 kg agram derejesinde kubaly Erislandi Alwares, 80 kg agram derejesinde bolsa ukrainaly Oleksandr Hižnýak altyn medaly eýelediler.

Zenanlaryň arasyndaky 6 altyn medalyň 3-sini hytaýlylar gazanmagy başardy. 50 kg agramda Wu Ýu, 54 kg agramda Çan Ýuan, 75 kg agramda-da Li Sýan altyn medal gazandy. 57 kg agramda Hytaý Taýpeýiniň boksçusy Lin Ýuýtin, 60 kg agram derejesinde irlandiýaly Kelli Harrington, 66 kg agram derejesinde-de alžirli Iman Helif münberiň iň ýokarky basgançagyna çykyp, öz ýurtlarynyň milli senalaryny ýaňlandyrdylar. Harrington Tokio Olimpiadasynda-da ýeňiji bolupdy.

Fransuzlar we türkler altyn medalsyz 2 kümüş, 1 bürünç, awstraliýalylar, dominikanlar, filippinler 2 bürünç medal gazandylar. Jemi 32 ýurduň wekili azyndan bir medal gazanmagy başardy.

## SUWA BÖKMEK


Sao Ýuan

**Suwa bökmek ýaryşlaryndaky 8 altyn medalyň ählisini-de hytaýly türgenler eýelemegi başardy.**

Ýekelikde 3 metr beýiklikden bökmekde erkekleriň arasynda çempion üýtgemedi. Tokio 2020-niň ýeňijisi, hytaýly Se Syi altyn medala mynasyp boldy. Onuň watandaşy Wan Szonýuan bu sapar hem kümüş medal gazandy. Meksikaly Osmar Olwera bürünç medaly eýeledi. Zenanlaryň arasynda 1988-nji ýyldan bäri hytaýlylaryň gazanyp gelýän altyn medalyny bu ýyl ýene şol ýurduň wekili Çžen Iwen almagy başardy. Awstraliýaly Meddison Kini kümüş, başga bir hytaýly türgen Çan Ýani bürünç medala mynasyp boldy.

Erkekleriň arasynda 10 metrlik beýiklikdäki platformadan bökmekde hytaýly Sao Ýuan ýeňiji bolup, bu ugurda bassyr 2-nji, umumylykda 4-nji altyn medalyny gazandy. Ýaponiýaly Rikuto Tamai kümüş, britaniýaly Noa Williams bürünç medal gazandy.

## ÝÜZMEK

10 kilometr marafon ýüzüşde erkekleriň arasynda wengriýaly Kristof Razowski altyn, germaniýaly Oliwer Klemet kümüş, başga bir wengriýaly Dawid Betlehem bürünç medala mynasyp boldy. Zenanlaryň arasynda bolsa Niderlandlardan Şaron wan Rouwendal Rio 2016-dan soň 2-nji gezek Olimpiýa çempionlygyny gazandy. Ol Tokioda kümüş medal alypdy. Ýaryşda awstraliýaly Moeşa Jonson 2-nji ýeri, italiýaly Jinewra Taddeuççi 3-nji ýeri eýeledi. Tokio 2020-niň çempiony braziliýaly Ana Marsela Kunýa bu gezek 4-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.

## HÄZIRKI ZAMAN PENTATLON

Sportuň 5 görnüşini (nyşana ok atmak, fehtowaniýa, ýüzmek, konkur, ylgamak) özünde jemleýän häzirki zaman pentatlonda erkekleriň arasynda müsürli Ahmed El-Gendi 1555 utuk toplap, dünýä rekordyny goýdy we altyn medala mynasyp boldy. El-Gendi Tokioda kümüş medaly eýeläpdi. Ýaponiýaly Taişu Sato kümüş, italiýaly Jorjio Malan bürünç medal gazandy.

Zenanlaryň arasynda altyn medaly wengriýaly Miçelle Gulýas eýeläp, ol hem dünýä rekordyny goýmagy başardy (1461 utuk). Fransiýaly Elodi Klowel 2-nji, Günorta koreýaly Son Min Seon 3-nji orny eýeledi.

## WELOSPORT


Harri Lewreýsen

Welosportuň trek ýaryşlarynda sprint görnüşinde erkekleriň arasynda Harri Lawreýsen altyn medala mynasyp boldy. Ol Tokioda hem ýeňiş gazanypdy. 27 ýaşyndaky welosportçy toparlaýyn sprint ýaryşynda-da, şol bir wagtyň özünde keýrin görnüşde münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Onuň umumylykda onuň altyn medallarynyň sany 5-e ýetdi. Welotregiň medison görnüşinde Portugaliýa altyn, Italiýa kümüş, Daniýa bürünç medal gazandy. Bürünç medal alan daniýaly Larsen bilen Mýorkýow Tokioda çempion bolupdy. Omnium görnüşinde fransiýaly Benžamen Toma altyn, medisonda ýeňiji bolan portugaliýaly Ýuri Leýtan kümüş, belgiýaly Fabio Wan den Bosse bürünç medala eýelik etdi. Erkekleriň arasyndaky toparlaýyn yz çalyş ýaryşynda 20 ýyldan soň awstraliýalylar 3-nji altyn medallaryny gazandylar. Beýik Britaniýa 2-nji, Tokio 2020-niň çempiony italýanlar 3-nji orny eýeledi.

Zenanlaryň arasyndaky sprint hem-de keýrin ýaryşlarynda Täze Zelandiýadan Elles Andrýuws altyn medal gazandy. Sprintde kümüş medala germaniýaly Lea Fridrih, keýrinde niderland Hetti wan de Wouw, iki görnüşde-de bürünç medala britaniýaly Emma Finukeýn mynasyp boldy. Medison görnüşinde italiýaly Çiara Konsonni bilen Wittoria Guazzini altyn medal gazandy. Britaniýa bilen Niderlandlar kümüş we bürünç medallary paýlaşdylar. Omnium görnüşinde amerikaly Jennifer Walente bassyr 2-nji altyn medalyny gazandy. Ol polşaly Darýa Pikulik hem-de Täze zelandiýaly Elli Wollastenden öňe saýlandy. Toparlaýyn yz çalyş bäsleşiginiň finalynda pellehana Täze zelandiýalylardan öň gelen amerikaly welotrekçiler altyn medal gazandy. Bürünç medal ugrundaky duşuşykda Beýik Britaniýa Italiýadan gowy netije görkezdi.

## KANOE


Liza Kerrington

**Kanoe sportunyň sprint görnüşindäki ýaryşlarda zenanlardan Täze Zelandiýanyň türgenleri 3 altyn medala mynasyp boldy. Täze zelandiýaly Liza Kerrington 3 altyn medal gazanmagy başardy.**

Zenanlaryň arasynda kanoe ýekeleýin 200 metrde kanadaly Keýti Winsent altyn, Tokio 2020-niň çempiony, amerikaly Newin Harrison kümüş, kubaly Ýarisleýdis Sirilo bürünç medala mynasyp boldy. Kanoe jübütleýin 500 metrde hytaýly Sýuý Şisýao bilen Sun Meniýa Tokiodan soň Parižde-de münberiň iň ýokary basgançagyna çykdylar. Baýdarka ýekeleýin 500 metr ýaryşynda münberiň ýeňijileriniň orny Tokiodaky ýaly boldy. Täze Zelandiýanyň bu ugurda meşhur türgeni Liza Kerrington bassyr 2-nji çempionlygyny baýram etdi. Ol bu gezegem wengriýaly Tamara Çipeş bilen daniýaly Emma Ýorgensenden öňe saýlandy. 35 ýaşyndaky Liza Kerrington baýdarka jübütleýin 500 hem-de dört adamly 500 metr ýaryşlarynda-da topardaşlary bilen altyn medal gazanmagy başardy. London 2012-den bäri ýeňiji bolup gelýän Kerringtonyň Olimpiýa altyn medallarynyň sany 8-e ýetdi. Onuň 1 bürünç medaly hem bar.

Erkekleriň arasynda kanoe ýekeleýin 1000 metr ýaryşynda çehiýaly Martin Fuksa altyn, Tokio 2020-niň çempiony braziliýaly Izakias Keýros kümüş, moldowaly Sergeý Tarnowski bürünç medal aldy. Pekin 2008-den soň täzeden maksatnama girizilen kanoe jübütleýin 500 metr ýaryşynda Hytaý 1-nji, Italiýa 2-nji, Ispaniýa 3-nji orny eýeledi.

Baýdarka ýekeleýin 1000 metr ýaryşda çehiýaly Ýosef Dostai wengriýaly türgenler – Adam Warga hem-de Tokio 2020-niň ýeňijisi Balint Kopasdan öňe saýlandy. Baýdarka jübütleýin 500 metr ýaryşynda germaniýaly Ýakob Şopf bilen Maks Lemke altyn medal gazandy. Olar baýdarka dört adamly 500 metr ýaryşynda-da ýeňiji bolan Germaniýanyň adyndan çykyş etdiler. Tokio 2020-de maksatnama alnan bu ugurda Germaniýa 2-nji çempionlygyny gazandy.

## ÇEPER GIMNASTIKA


Darýa Warfolomeýewa

Diňe zenanlaryň arasynda geçirilýän çeper gimnastikada toparlaýyn ýaryşda hytaýly gyzlar münberiň çür depesine çykmagy başardy. Bu olaryň ilkinji altyn medaly bolup, hytaýlylar Pekinde kümüş medal gazanypdy. 2-nji orny Ysraýylyň topary eýelese, italiýaly gyzlar bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek bürünç medala mynasyp boldy.

Ýekeleýin ýaryşda asly Russiýadan bolan germaniýaly Darýa Warfolomeýewa altyn medaly eýelemegi başardy. Bu Germaniýanyň şu ugurdaky ilkinji altyn medalydyr. Bolgariýaly Borýana Kaleýn kümüş, ýurduna çeper gimnastikanyň ýekeleýin ýaryşynda ilkinji medalyny gazandyran italiýaly Sofia Raffaeli bürünç medal gazandy.

## TAEKWONDO

Taekwondo sportunda erkekleriň arasynda 58 kg agram derejesinde Günorta Koreýadan Pak Te Žun finalda azerbaýjanly Gaşim Magomedowdan üstün çykdy. 68 kg agram derejesinde finalda iordaniýaly Zaid Karimi ýeňen özbegistanly Ulugbek Raşitow bassyr 2-nji gezek altyn medala mynasyp boldy. 80 kg agram derejesinde altyn medaly finalda eýranly Mehran Barhordarini ýeňen tunisli Firas Katussi eýeledi. 80 kg agramdan ýokary bolanlaryň arasynda eýranly Arian Salimi ýeňiji bolup, ol finalda britaniýaly Keýden Kanningemi ýeňlişe sezewar etdi.

Zenanlaryň arasynda 48 kg agram derejesinde tailandly Panipak Wongpattanakit Tokiodan soň Parižde-de münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Ol finalda hytaýly Gu Sini ýeňmegi başardy. 57 kg agram derejesinde Günorta Koreýadan Kim Ýu Çžin altyn medala mynasyp bolup, ol finalda eýranly Nahid Kianini ýeňlişe sezewar etdi. 67 kg agram derejesinde finalda serbiýaly Aleksandra Perişiçi ýeňen wengriýaly Wiwiana Marton ýeňiji boldy. 67 kg agramdan ýokary bolanlaryň bäsleşiginde altyn medaly ýer eýelerinden fransiýaly Alteýa Loren gazanyp, ol finalda özbegistanly Swetlana Osipowany ýeňdi.

Taekwondoda paýlanylan 16 bürünç medalyň hersini başga ýurduň, ýagny 16 ýurduň wekili gazanmagy başardy.

## DYRMAŞMAK SPORTY

Dyrmaşmak sportunda erkekleriň arasyndaky toparlaýyn ýaryşda hytaýlylar bassyr 5-nji altyn medalyny gazandylar. Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizileni bäri bu ugurda altyn medallary çöpläp gelýän Hytaýyň düzüminde Ma Lon toparlaýyn ýaryşda bassyr 4-nji, umumylykda-da 6-njy altyn medalyny boýnuna dakdy. Şwesiýa kümüş, Fransiýa bürünç medala mynasyp boldy.

Edil erkekleriň arasynda bolşy ýaly zenanlarda-da Hytaýyň ýygyndysyna taý tapylmady. Çzen Men, Sun Ingşa, Wan Manýu dagydan düzülen topar Tokiodan soň Parižde-de altyn medala mynasyp boldy. Tokiodaky ýaly Ýaponiýa kümüş medala eýelik etdi. Günorta Koreýanyň zenanlary bolsa münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.

Umumylykda hytaýlylar stol tennisindäki 5 altyn medalyň ählisini hem gazanmagy başardylar.



**Pariž 2024 — XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynyň medal sanawy**

| | Medal gazanan ýurtlar | Altyn | Kümüş | Bürünç | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ABŞ | 40 | 44 | 42 | 126 |
| 2 | HYTAÝ | 40 | 27 | 24 | 91 |
| 3 | ÝAPONIÝA | 20 | 12 | 13 | 45 |
| 4 | AWSTRALIÝA | 18 | 19 | 16 | 53 |
| 5 | FRANSIÝA | 16 | 26 | 22 | 64 |
| 6 | NIDERLANDLAR | 15 | 7 | 12 | 34 |
| 7 | BEÝIK BRITANIÝA | 14 | 22 | 29 | 65 |
| 8 | GÜNORTA KOREÝA | 13 | 9 | 10 | 32 |
| 9 | ITALIÝA | 12 | 13 | 15 | 40 |
| 10 | GERMANIÝA | 12 | 13 | 8 | 33 |
| 11 | TÄZE ZELANDIÝA | 10 | 7 | 3 | 20 |
| 12 | KANADA | 9 | 7 | 11 | 27 |
| 13 | ÖZBEGISTAN | 8 | 2 | 3 | 13 |
| 14 | WENGRIÝA | 6 | 7 | 6 | 19 |
| 15 | ISPANIÝA | 5 | 4 | 9 | 18 |
| 16 | ŞWESIÝA | 4 | 4 | 3 | 11 |
| 17 | KENIÝA | 4 | 2 | 5 | 11 |
| 18 | NORWEGIÝA | 4 | 1 | 3 | 8 |
| 19 | IRLANDIÝA | 4 | 0 | 3 | 7 |
| 20 | BRAZILIÝA | 3 | 7 | 10 | 20 |
| 21 | EÝRAN | 3 | 6 | 3 | 12 |
| 22 | UKRAINA | 3 | 5 | 4 | 12 |
| 23 | RUMYNIÝA | 3 | 4 | 2 | 9 |
| 24 | GRUZIÝA | 3 | 3 | 1 | 7 |
| 25 | BELGIÝA | 3 | 1 | 6 | 10 |
| 26 | BOLGARIÝA | 3 | 1 | 3 | 7 |
| 27 | SERBIÝA | 3 | 1 | 1 | 5 |
| 28 | ÇEHIÝA | 3 | 0 | 2 | 5 |
| 29 | DANIÝA | 2 | 2 | 5 | 9 |
| 30 | AZERBAÝJAN | 2 | 2 | 3 | 7 |
| 31 | HORWATIÝA | 2 | 2 | 3 | 7 |
| 32 | KUBA | 2 | 1 | 6 | 9 |
| 33 | BAHREÝN | 2 | 1 | 1 | 4 |
| 34 | SLOWENIÝA | 2 | 1 | 0 | 3 |
| 35 | HYTAÝ TAÝPEÝI | 2 | 0 | 5 | 7 |
| 36 | AWSTRIÝA | 2 | 0 | 3 | 5 |
| 37 | GONKONG | 2 | 0 | 2 | 4 |
| 38 | FILIPPINLER | 2 | 0 | 2 | 4 |
| 39 | ALŽIR | 2 | 0 | 1 | 3 |
| 40 | INDONEZIÝA | 2 | 0 | 1 | 3 |
| 41 | YSRAÝYL | 1 | 5 | 1 | 7 |
| 42 | POLŞA | 1 | 4 | 5 | 10 |
| 43 | GAZAGYSTAN | 1 | 3 | 3 | 7 |
| 44 | ÝAMAÝKA | 1 | 3 | 2 | 6 |
| 45 | GÜNORTA AFRIKA | 1 | 3 | 2 | 6 |
| 46 | TAILAND | 1 | 3 | 2 | 6 |
| 47 | BITARAP TÜRGENLER | 1 | 3 | 1 | 5 |
| 48 | EFIOPIÝA | 1 | 3 | 0 | 4 |
| 49 | ŞWEÝSARIÝA | 1 | 2 | 5 | 8 |
| 50 | EKWADOR | 1 | 2 | 2 | 5 |
| 51 | PORTUGALIÝA | 1 | 2 | 1 | 4 |
| 52 | GRESIÝA | 1 | 1 | 6 | 8 |
| 53 | ARGENTINA | 1 | 1 | 1 | 3 |
| 54 | MÜSÜR | 1 | 1 | 1 | 3 |
| 55 | TUNIS | 1 | 1 | 1 | 3 |
| 56 | BOTSWANA | 1 | 1 | 0 | 2 |
| 57 | ÇILI | 1 | 1 | 0 | 2 |
| 58 | SENT-LÝUSIÝA | 1 | 1 | 0 | 2 |
| 59 | UGANDA | 1 | 1 | 0 | 2 |
| 60 | DOMINIKAN RESPUBLIKASY | 1 | 0 | 2 | 3 |
| 61 | GWATEMALA | 1 | 0 | 1 | 2 |
| 62 | MAROKKO | 1 | 0 | 1 | 2 |
| 63 | DOMINIKA | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 64 | PAKISTAN | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 65 | TÜRKIÝE | 0 | 3 | 5 | 8 |
| 66 | MEKSIKA | 0 | 3 | 2 | 5 |
| 67 | ERMENISTAN | 0 | 3 | 1 | 4 |
| 68 | KOLUMBIÝA | 0 | 3 | 1 | 4 |
| 69 | GYRGYZYSTAN | 0 | 2 | 4 | 6 |
| 70 | DEMIRGAZYK KOREÝA | 0 | 2 | 4 | 6 |
| 71 | LITWA | 0 | 2 | 2 | 4 |
| 72 | HINDISTAN | 0 | 1 | 5 | 6 |
| 73 | MOLDOWA | 0 | 1 | 3 | 4 |
| 74 | KOSOWO | 0 | 1 | 1 | 2 |
| 75 | KIPR | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 76 | FIJI | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 77 | IORDANIÝA | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 78 | MONGOLIÝA | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 79 | PANAMA | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 80 | TÄJIGISTAN | 0 | 0 | 3 | 3 |
| 81 | ALBANIÝA | 0 | 0 | 2 | 2 |
| 82 | GRENADA | 0 | 0 | 2 | 2 |
| 83 | MALAÝZIÝA | 0 | 0 | 2 | 2 |
| 84 | PUERTO RIKO | 0 | 0 | 2 | 2 |
| 85 | KABO WERDE | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 86 | KOT-D'IWUAR | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 87 | PERU | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 88 | KATAR | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 89 | BOSGUNLAR OLIMPIÝA TOPARY | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 90 | SINGAPUR | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 91 | SLOWAKIÝA | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 92 | ZAMBIÝA | 0 | 0 | 1 | 1 |
| | JEMI (92 ýurt) | 329 | 330 | 385 | 1044 |

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Ispaniýa 32 ýyldan soň altyn medala mynasyp boldy

Pariž 2024-de erkekleriň arasyndaky futbol ýaryşynda Ispaniýanyň Olimpiýa topary çempionlyk gazandy. Olar Pariždäki «Park de Prens» stadionynda oýnalan finalda ýer eýeleri Fransiýany goşmaça wagtda 5–3 hasabynda ýeňdi (Fermin Lopes 18, 25, Baena 28, Kamelýo 100, 120+1 – Millo 11,



Akliuçe79, Mateta 90+3 p). Şeýlelikde, Ispaniýanyň ýygyndysy 1992-nji ýyldan soň 2-nji gezek Olimpiýa oýunlarynyň çempiony bolmagy başardy. Olar 1920-nji, 2000-nji we 2020-nji ýyllarda-da finalda ýeňlipdi. Ispaniýanyň ýygyndysy Ýewropa çempionatyndan soň Olimpiýa oýunlarynyň hem çempionlygyny gazanyp, bir ýylyň dowamynda bu iki ýaryşda ýeňiji bolan 2-nji ýurt hökmünde hasaba alyndy. Bu ugurda 1-nji ýurt Fransiýa bolup, olar 1984-nji ýylda Ýewropanyň çempionlygyny hem-de Olimpiýa oýunlarynyň altyn medalyny gazanypdylar.

Fransiýanyň Olimpiýa ýygyndysy 40 ýyldan soň 2-nji gezek altyn medal gazanmak mümkinçiligini elden giderdi. Fransuzlar 1900-nji ýyldaky Parižde geçirilen Olimpiýa oýunlaryndan 124 ýyl soň ýene-de bu şäherde guralan Olimpiadanyň futbol ýaryşynda kümüş medal gazandy. 1900-nji ýylda Beýik Britaniýa altyn medala eýelik edipdi. Şol bir wagtyň özünde Fransiýa EURO 2016-dan soň Pariž 2024-de hem öz meýdançasyndaky finalda ýeňlişe sezewar boldy.

Bürünç medala Müsüri 6–0 hasabynda ýeňen Marokko mynasyp boldy. Marokkonyň gollaryny Ezzalzuli (23), Rahimi (26, 64), El Hannus (51), Nakaç (73) hem-de Hakimi (87) geçirdi. Şunlukda, Marokko ilkinji gezek bürünç medala mynasyp boldy. Ol Olimpiýa oýunlarynda bürünç medal gazanan 3-nji Afrika wekilidir (Gana, Nigeriýa).

Zenanlaryň arasyndaky ýaryşda ABŞ-nyň ýygyndysy 12 ýyldan soň 2-nji çempionlygyny gazandy. Finalda Braziliýany Mellori Swensonyň 57-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňen ABŞ-nyň ýygyndysy 5-nji gezek Olimpiadanyň çempiony bolmagy başardy (1996, 2004, 2008, 2012, 2024). Braziliýa bolsa 2004-nji we 2008-nji ýyllardan soň 3-nji gezek finalda ABŞ-dan asgyn geldi. Bürünç medala Ispaniýany Ronýa Gwiniň 65-nji minutda penaltiden geçiren ýeke-täk goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňen Germaniýa mynasyp boldy. Germaniýanyň ýygyndysy 4-nji gezek bürünç medal gazandy.

# «Real Madridiň» 6-njy Super Kubogy

«Real Madrid» topary UEFA Super Kubogyny 6-njy gezek gazandy. Warşawada oýnalan duşuşykda Çempionlar ligasynyň soňky çempiony Ýewropa ligasynyň häzirki eýesi, Italiýanyň «Atalanta» toparyny 2–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşygyň 1-nji ýarymynda iki toparyňam derwezeçileri howply pursatlarda toparlaryny goldan halas etdi. Netijede, 1-nji ýarym golsuz tamamlandy. Oýnuň 59-njy minutynda Winisius Junioryň ajaýyp pasynda Federiko Walwerdä topy boş derweзä gönükdiräýmek galdy. Bu goldan 9 minut soň, has takygy, 68-nji minutda bu gezek Jud Bellingamyň pasynda topy batly uran täze transfer Kilian Mbappe tapawutlanyp, hasaby 2-0-a ýetirdi. Galan minutlarda-da hasap üýtgemedi we «Real Madrid» topary 2024-nji ýyldaky 4-nji kubogyny gazandy. Bu olaryň 6-njy Super Kubogy bolup, madridliler bu kubogy iň köp eýelän topar boldy. «Real Madrid» bu ugurda «Milan» hem-de «Barselonadan» öňe saýlandy. Ispan topary 49-njy gezek gowşurylan UEFA Super Kubogyny mundan öň 2002-nji, 2014-nji, 2016-njy, 2017-nji hem-de 2022-nji ýyllarda gazanypdy. «Real Madrid» topary Super Kubok duşuşygynda 1998-nji ýylda «Çelsiden», 2000-nji ýylda «Galatasaraýdan» hem-de 2018-nji ýylda «Atletiko Madridden» asgyn gelipdi.





Toparyň tälimçisi Karlo Ançelotti 5-nji gezek UEFA Super Kubogyny gazanyp (2003-nji we 2007-nji ýyllarda «Milanda», 2014-nji, 2022-nji, 2024-nji ýyllarda «Realda»), Çempionlar Ligasyndan soň bu kubogy hem 5-nji sapar eýelän ilkinji tälimçi boldy. Ol 30-njy kubogyny gazandy.

Fransiýaly Super ýyldyz Kilian Mbappe «Real Madriddäki» ilkinji resmi duşuşygynda gol geçirdi hem-de täze toparyndaky ilkinji kubogyny asmana galdyrdy.

Angliýaly Jud Bellingam duşuşygyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

«Real Madriddäki» 27-nji kubogyny gazanan Luka Modriç toparyň iň köp kubok alan oýunçysy boldy.

Ispan klublary 17-nji gezek UEFA Super Kubogyny gazandy.

Luka Modriç bilen Dani Karwahal bu kubogy 5-nji gezek alan ilkinji futbolçylar hökmünde hasaba alyndy.

Şol sanda Çempionlar ligasynyň ýeňijileri 29-njy gezek bu kubogy eýelemegi başardy.

▶ **«REAL MADRID»:** Kurtua — Karwahal (Waskes 88), Militao, Rüdiger, Mendi — Walwerde, Tçouameni — Rodrigo (Modriç 76), Bellingam (Sebalýos 88), Winisius Junior (Arda Güler 88) — Mbappe (Brahim Diaz 83); Karlo Ançelotti

▶ **«ATALANTA»:** Musso — Džimsiti, Hien (Palestra 90), Kolaşinas (Bakker 70) — Zappakosta (Godfri 62), De Roon, Ederson, Ruggeri — Mario Paşaliç (Manzoni 90) — De Ketelare (Retegui 62), Lukman; Jan Piero Gasperini.

# Basketbolda çempionlar üýtgemedi

**Pariž 2024-de basketbol ýaryşlarynyň ikisinde-de, ýagny hem erkekleriň, hem-de zenanlaryň arasynda çempion üýtgemedi. Sportuň bu görnüşiniň iň öňdebaryjysy ABŞ-nyň 2 ýygyndysy hem finalda ýer eýeleri Fransiýanyň ýygyndylaryny ýeňlişe sezewar etdi.**

Erkekleriň arasyndaky final duşuşygynda ABŞ-nyň ýygyndysy Fransiýanyň ýygyndysyny 98:87 hasabynda ýeňdi. Şunlukda, super ýyldyzlardan düzülen ABŞ-nyň ýygyndysy bassyr 5-nji, umumylykda-da 17-nji altyn medalyny gazandy. Olar şu wagta çenli altyn medaly diňe SSSR-e (1972, 1988), Ýugoslawiýa (1980) hem-de Argentina (2004) aldyrdy. Pariž 2024-de basketbol ýaryşynyň iň ökde oýunçysy diýlip, LeBron Jeýms saýlandy. ABŞ-nyň ýyldyzlaryndan Kewin Durant bassyr 4-nji altyn medalyny gazanan ilkinji erkek basketbolçy boldy.



Fransiýanyň ýygyndysy bassyr 2-nji, umumylykda-da 4-nji gezek kümüş medal gazandy. Bürünç medala Germaniýany 93:83 hasap bilen ýeňen serbler mynasyp boldy.

Zenanlaryň arasyndaky ýaryşyň finalynda amerikanlar fransuzlary 67:66 hasap bilen ýeňip, 1996-njy ýyldan bäri altyn medal gazanmagyny dowam edýär. Bu olaryň bassyr 8-nji, umumylykda 10-njy altyn medaly bolup, amerikanlara diňe 3 gezek münberiň çür depesine çykmak başartmady. Toparyň esasy ýyldyzlaryndan Daýana Tauarasi bassyr 6-njy altyn medalyny gazanyp, muny başaran ilkinji basketbolçy boldy. Ol bir ugurda 6 altyn medal gazanan 3-nji şahsyýet hökmünde hasaba alyndy. Ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip amerikaly A'Ja Wilson saýlandy.

Fransiýanyň ýygyndysy 2-nji gezek kümüş medala mynasyp boldy. Bürünç medaly Belgiýany 85:81 hasabynda ýeňen Awstraliýa eýeledi. Bu olaryň 3-nji bürünç medalydyr.

# Pleý-off tapgyryna çykan toparlar belli boldy

**UEFA Çempionlar Ligasynda 3-nji saýlama tapgyryň jogap duşuşyklary oýnaldy. Netijede, saýlama oýunlaryň soňky tapgyry bolan pleý-offa çykan klublar belli boldy.**

Tapgyryň iň esasy ünsi çeken duşuşygy Bolgariýanyň



Razgrad şäherinde oýnaldy. Bir hepde ozal öz meýdançasynda 2–1 hasabynda utulan «Garabag» (Azerbaýjan) topary myhmançylykda «Ludogores» toparyny goşmaça wagtda 7–2 hasabynda ýeňdi. Duşuşygyň esasy wagtynda «Garabag» 3–2 öňe saýlandy. Goşmaça wagtda 4 gol geçiren azerbaýjanlylar ýaryşy dowam ederler. Duşuşykda «Ludogoresden» Dua (13, 23), «Garabagdan» bolsa Juninio (7), Benzia (45+1, 118), Andrade (45+5, 112), Baýramow (93) hem-de Şikşa (111) tapawutlandy. «Garabag» pleý-off tapgyrynda «Dinamo Zagreb» bilen duşuşar. 1-nji duşuşykda iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazanan Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary öz meýdançasynda-da Polşanyň çempiony «Ýagelloniýany» 4–1 hasabynda utdy. Ýeňiş gazanan toparyň gollaryny Fet (2), Maatta hem-de Hög geçirdi.



Çempion däl klublaryň arasynda Şotlandiýanyň «Reýnjersi» öz meýdançasynda Kiýewiň «Dinamosyndan» 2–0 hasabynda asgyn gelip, ýaryş bilen hoşlaşdy. Türkiýäniň «Fenerbahçe» topary hem ýaryş bilen hoşlaşanlaryň biri bolup, öz meýdançasynda «Lill» bilen goşmaça wagtda 1–1 hasabynda deňmedeň oýnady. 1-nji oýunda 2–1 hasabynda utulan türk kluby birnäçe amatly pursatlardan peýdalanyp bilmedi. «Fenerbahçe» toparyna 16 ýyldan bäri Çempionlar Ligasyna gatnaşmak başardanok.

3-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklary 20–21-nji awgustda oýnalar. Jogap oýunlary bolsa 27–28-nji awgustda geçiriler we UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşjak 36 klubuň ählisi hem belli bolar. UEFA Çempionlar Ligasynyň täze möwsüminiň bije çekiliş dabarasy 29-njy awgustda geçiriler.

▶ **3-nji saýlama tapgyryň jogap oýunlarynyň netijeleri:** «Ludogores» (Bolgariýa) – **«Garabag» (Azerbaýjan)**: 2–7 g.w. (2–1), APOEL (Kipr) – **«Slowan Bratislawa» (Slowakiýa)**: 0–0 (0–2), FKSB (Rumyniýa) – **«Sparta Praga» (Çehiýa)**: 2–3 (1–1), PAOK (Gresiýa) – **«Malmö» (Şwesiýa)**: 3–4 g.w. (2-2), «Ferenswaroş» (Wengriýa) – **«Midtýullan» (Daniýa)**: 1–1 (0–2), **«Bude-Glimt» (Norwegiýa)** – «Ýagelloniýa Belostok» (Polşa): 4–1 (1–0), «Ýunion Sent-Žilluaz» (Belgiýa) – **«Slawiýa Praga» (Çehiýa)**: 0–1 (1–3), «Fenerbahçe» (Türkiýe) – **«Lill» (Fransiýa)**: 1–1 g.w. (1–2), «Reýnjers» (Şotlandiýa) – **«Dinamo Kiýew» (Ukraina)**: 0–2 (1–1), «Twente» (Niderlandlar) – **«Red Bull Salsburg» (Awstriýa)**: 3–3 (1–2).

▶ **Pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary:** «Ýang Boýz» (Şweýsariýa) – «Galatasaraý» (Türkiýe), «Dinamo Zagreb» (Horwatiýa) – «Garabag» (Azerbaýjan), «Midtýullan» (Daniýa) – «Slowan Bratislawa» (Slowakiýa), «Bude-Glimt» (Norwegiýa) – «Srwena Zwezda» (Serbiýa), «Malmö» (Şwesiýa) – «Sparta Praga» (Çehiýa), «Lill» (Fransiýa) – «Slawiýa Praga» (Çehiýa), «Dinamo Kiýew» (Ukraina) – «Red Bull Salsburg» (Awstriýa).

Ygtyýarnama: 1-15-24-147

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň «Ykdysadyýet we biznes mekdebi» döwlet kärhanasy 2024/2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar boýunça gysga möhletli okuwlara kabul edýändigini**

## YGLAN EDÝÄR

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Baha kesmek işi | 6 aý. |
| 2 | Iňlis dili | 4 aý. |
| 3 | Rus dili | 3 aý. |
| 4 | Nemes dili | 3 aý. |
| 5 | Kompýuter sowatlylygy I, II, III. | 2,5 aý. |
| 6 | Matematika | 3 aý. |
| 7 | Suratkeş | 6 aý. |
| 8 | Elektrik enjamlary abatlaýjy slesar | 3 aý. |
| 9 | Himiki derňewiň laboranty | 5 aý. |
| 10 | Awtoulaglary abatlaýjy slesar | 6 aý. |
| 11 | Elektromontýor-1000 V çenli | 3 aý. |
| 12 | Suw we ýylylyk geçirijileriň örtüjisi | 3 aý. |
| 13 | Suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti | 3 aý. |
| 14 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Armaturçy – armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji | 4 aý. |
| 15 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Betonçy | 2 aý. |
| 16 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor | 6 aý. |
| 17 | Tokar | 5 aý. |
| 18 | Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji | 4 aý. |
| 19 | Amaly geodeziýa | 3 aý. |
| 20 | Amaly psihologiýa | 3 aý. |

*Okuwlara diňleýjiler, orta we hünär bilimli raýatlar kabul edilýär.*

*Okuwa ýokardaky hünärler boýunça şertnamalaýyn esasda tölegli kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlary Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:*
*-bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;*
*-bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);*
*-3×4 sm ölçegdäki 3 sany fotosurat;*
*-şahsy pasportynyň, pasport almadyklar üçin dogluş hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi;*

**Okuwlary üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnama berilýär.**

**Salgymyz: Aşgabat şäheri, Baba Annanow köçesiniň 136-njy jaýy. Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: +993 12 28-18-50.**

Ygtyýarnama: 1-15-24-58

**TÜRKMENISTANYŇ GURLUŞYK WE BINAGÄRLIK MINISTRLIGINIŇ AŞGABAT GURLUŞYK ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBI**

edara-kärhanalarda işleýän işçileri, raýatlary işçi hünärleri boýunça taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak, hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, aşakdaky hünärler boýunça gysga möhletli

## OKUWLARA ÇAGYRÝAR

| | |
|---|---|
| 1 | Armaturçy-betonçy |
| 2 | Asfaltbetonçy |
| 3 | Betonçy, kerpiç örüji |
| 4 | Binagärlik böleklerini galyplap ýasaýjy we ýelmeýji |
| 5 | Demirbeton we metal gurnamalaryny gurnaýjy |
| 6 | Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji |
| 7 | Elektromontýor |
| 8 | Gaz bilen kebşirleýji we kesiji |
| 9 | Mermerçi |
| 10 | Plita ýelmeýji |
| 11 | Plastik önümleri kebşirleýji |
| 12 | Slesar-santehnik |
| 13 | Suwagçy-reňkleýji (100 metr belentlige çenli) |
| 14 | Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor |
| 15 | Ýük ýüklemekde we düşürmekde daňyjy-berkidiji (polat tanaplary daňyjy-berkidiji) |
| 16 | Beýiklikdäki işleri ýerine ýetiriji |
| 17 | Diň gurnaýjy |
| 18 | Diňli kranlaryň maşinisti |
| 19 | Gurşaw basgançaklaryny gurnaýjy |
| 20 | Köpri kranlaryň maşinisti |

## OKUWLARYŇ MÖHLETI 2 AÝ

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**
– bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;
– işleýän ýerinden kepilnama (işleýän bolsa);
–pasportyň, orta bilim hakynda şahadatnamanyň nusgasy;
– 3x4 ölçegdäki iki sany fotosurat.

**Bellik:** 6 aýlyk (hünär taýýarlygy), işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak maksatnamalary boýunça gysga möhletli okuwlary tamamlan diňleýjilere bellenen tertipde, okandygy, degişli nusgadaky hünär taýýarlygy hakynda şahadatnama berilýär.

**Salgysy: Aşgabat şäheriniň Gurbansoltan eje şaýolunyň 10-njy jaýy. Telefon belgileri: 28-20-04, 28-14-56, 28-07-79, (+99365) 56-80-28.**

Ygtyýarnama: 1-15-24-58

**TÜRKMENISTANYŇ GURLUŞYK WE BINAGÄRLIK MINISTRLIGINIŇ AŞGABAT GURLUŞYK ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBI**

**2024/2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky hünär ugurlaryndan hünär-tehniki bilimi boýunça talyplyga kabul edýär:**

| | |
|---|---|
| 1 | Senagat we raýat jaý gurluşygynyň ussasy |
| 2 | Binagär-bezeg işi |
| 3 | Geodeziýaçy |
| 4 | Awtomobil ýollarynyň we uçuş meýdançalarynyň gurluşygynyň hem-de ulanylyşynyň ussasy |
| 5 | Nebit we gaz geologiýasy |
| 6 | Nebit we gaz guýularyny burawlaýjy ussa |
| 7 | Nebit we gaz çykaryjy operator |
| 8 | Nebit we gaz guýularynda barlag işlerini geçiriji geofizik |
| 9 | Buhgalterçilik işi |
| 10 | Menejer (ykdysadyýetiň esaslaryny öwrenmek bilen) |

Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebine Türkmenistanyň umumy orta bilimli raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça kabul edilýär.

Okuwyň möhleti 1,5 ýyl, okuwlar tölegli. Gündizki we agşamky bölümleri hem bar.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2024-nji ýylyň 29-njy awgustyna çenli kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**
– bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;
– bellenilen nusgada sowalnama (anketa);
– bilimi baradaky resminamanyň asyl nusgasy;
– bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
– soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
– 3x4 ölçegdäki alty sany fotosurat.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, kabul ediş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:
– pasportyny (eger şahsy pasporty alynmadyk bolsa, onda dogluş hakyndaky şahadatnamasyny);
– Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary** ähli hünärler boýunça matematika we Türkmenistanyň taryhy derslerinden geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalary esasynda şu ýylyň 29-30-njy awgustynda orta hünär okuw mekdebinde döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

**Bellik:** 1,5 ýyl möhletli okuwlary tamamlan uçurymlara döwlet nusgasyndaky başlangyç hünär bilimi hakynda diplom berilýär.

**Salgysy: Aşgabat şäheriniň Gurbansoltan eje şaýolunyň 10-njy jaýy. Telefon belgileri: 28-14-56, 28-20-04, 28-07-74, 28-07-79.**